# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – KOREÝA ÖZÜNI MERKEZI AZIÝA DÖWLETLERINIŇ YGTYBARLY WE GELJEGI ULY HYZMATDAŞY HÖKMÜNDE GÖRKEZDI. TÜRKMENISTAN BILELIKDÄKI TASLAMALARY AMALA AŞYRMAKDA KOREÝ KOMPANIÝALARYNYŇ, MALIÝE INSTITUTLARYNYŇ GOŞÝAN ULY GOŞANDYNA ÝOKARY BAHA BERÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
18-nji sentýabr, 2026. Belgisi 38/1708




16-njy sentýabrda Koreýa döwlet saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýyl ýazgysynda taryhy sahypany açýan «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» ilkinji sammitine gatnaşdy.

# SEBIT ABADANÇYLYGYNYŇ BÄHBIDINE NETIJELI HYZMATDAŞLYK

Häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň ählumumy özgerýän şertlerinde bu sammitiň geçirilmegi Merkezi Aziýa sebitiniň dünýäniň geosyýasy we geoykdysady ulgamynda barha artýan ornuny görkezýär. Ýokary derejedäki duşuşygyň gün tertibi köpugurly hyzmatdaşlygy uzak möhletleýin strategik hyzmatdaşlyk derejesine çykarmaga gönükdirilen meseleleriň giň toplumyny öz içine alýar. Döwlet Baştutanlary Ýewraziýa giňişliginde ulag-logistika geçelgelerini diwersifikasiýalaşdyrmak, energetika durnuklylygyny üpjün etmek, senagat kooperasiýasyny giňeltmek, ýokary tehnologiýalary alyşmak, ekologiýa ulgamynda bilelikdäki çäreleri durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

Ir bilen hormatly Prezidentimiz sammitiň geçiriljek ýerine geldi. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy Koreýa Respublikasynyň Prezidenti mähirli garşylady.

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Koreýa Respublikasynyň döwlet Baştutanlarynyň bilelikde resmi surata düşmek dabarasy tamamlanandan soňra, «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» ilkinji sammiti öz işine başlady. Ýokary derejeli duşuşyga Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew hem gatnaşdylar.

Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Li Çže Mýon sammite gatnaşyjylary mähirli mübärekläp, döwlet Baştutanlarynyň şu formatda ilkinji gezek bir ýere jemlenendiklerini aýtdy we bu sammitiň Merkezi Aziýa ýurtlary bilen Koreýa Respublikasynyň arasynda dürli ugurlarda ýola goýlan hyzmatdaşlygy ösdürmekde möhüm ädim boljakdygyny nygtady.

Soňra çykyş etmek üçin sammite gatnaşyjylara söz berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow öz çykyşynda, ilki bilen, Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Li Çže Mýona bildirilen myhmansöýerlik, «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» ilkinji sammitiniň ýokary guramaçylyk derejesi we bilelikde işlemäge döredilen şertler üçin minnetdarlygyny beýan edip, bu ýokary derejeli duşuşygyň geçirilmegi arkaly Koreýa Respublikasy bilen Merkezi Aziýa döwletleriniň arasyndaky hyzmatdaşlygyň täze tapgyrynyň binýadynyň goýulýandygyny belledi.

«Türkmenistan şäher ösüşini we infrastrukturasyny, täze talaplardyr meýillere laýyk gelýän häzirki zaman urbanistik gurşawyny döretmegi biziň formatymyzyň çäklerindäki bilelikdäki işiň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň ýakynda öňe süren «Akylly» şäherleriň diplomatiýasy» başlangyjyna salgylanmak isleýärin. Bu başlangyç tagallalary birleşdirmegi, tejribe we maglumat alyşmagy, ylmy-tehniki gazananlary bilelikde ornaşdyrmagy, umuman, urbanistikanyň, şäher gurluşygynyň integrirlenen, netijeli nusgalaryny döretmegi göz öňünde tutýar» diýip, döwlet Baştutanymyz çykyşynda nygtady.

Häzirki wagtda senagat, oba hojalygy, ekologiýa, suw meselesi, saglygy goraýyş, hyzmatlar ulgamy, syýahatçylyk möhüm ugurlar bolup durýar. Bu babatda «Ösüşiň we innowasiýalaryň bähbidine Merkezi Aziýanyň we Koreýa Respublikasynyň geljekki hyzmatdaşlygy» şygary bilen geçiriljek «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» işewürlik sammiti möhüm waka bolar.

«Bilim ulgamynda biz Merkezi Aziýa ýurtlarynyň hem-de Koreýa Respublikasynyň bilim edaralarynyň arasynda hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerini, şol sanda iki diplomlylyk maksatnamalaryny ösdürmegi teklip etdik. Şeýle-de ýaşlaryň sanly bilimlerini artdyrmagy, bilelikdäki olimpiadalary, bäsleşikleri we maslahatlary geçirmegi wajyp hasap edýäris. Ylym ulgamynda ýaş alymlaryň bilelikdäki ylmy-barlag, taslama-gözleg işlerini işjeňleşdirmegi, Ýaşlaryň innowasion pikirlerini ösdürmegi we ornaşdyrmagy goldamak institutyny döretmegi teklip edýäris» diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz sözüni dowam etdi.

Bellenilişi ýaly, Medeniýet ulgamynda Türkmenistan tarapyndan Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Koreýa Respublikasynyň ýaşlarynyň medeniýetara alyşmalarynyň «Ýol kartasy», şeýle-de «Ýaş zehinler» maksatnamasy teklip edildi. Hormatly Prezidentimiz döwletlerimiziň ýaşlaryny birleşdirýän festiwallary, konsertleri, döredijilik bäsleşiklerini we beýleki çäreleri geçirmegi dowam etdirmegiň zerurdygyny aýdyp, sport hyzmatdaşlygyny, şol sanda hünärmenler alyşmalaryny ösdürmegi, sagdyn durmuş ýörelgelerini ilerletmegi, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň hem-de Koreýa Respublikasynyň Halkara ýaşlar sport oýunlaryny guramak baradaky meselä seretmegi teklip etdi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň parlament diplomatiýasynyň ösdürilmegine hökümetara hyzmatdaşlygyň möhüm bölegi, ýurtlarymyzyň arasynda ynanyşmagy berkitmegiň netijeli guraly hökmünde garaýandygyny aýdyp, şu sammitiň gatnaşyklaryň aýratyn ugurlaryndan hyzmatdaşlygyň bitewi we uzak möhletleýin ulgamyny kemala getirmäge geçmek üçin mümkinçilik açýandygyna ünsi çekdi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň formata gatnaşýan ýurtlaryň arasynda ynanyşmagy, deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygy berkitmäge ýardam etmäge, bu formatyň işjeň agzasy bolmaga taýýardygyny tassyklap, «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» hyzmatdaşlyk forumynyň halklarymyzyň uzak möhletleýin bähbitlerine laýyk gelýändigine we halkara hyzmatdaşlygyň durnukly, netijeli gurallaryny kemala getirmegiň möhüm şertine öwrülmäge ukyplydygyna berk ynam bildirdi.

Döwlet Baştutanymyzyň çykyşy uly üns bilen diňlenildi.

Sammitiň dowamynda döwlet Baştutanlary Koreýa Respublikasynyň tehnologiýalaryny çekmek arkaly Merkezi Aziýa ýurtlarynyň çig mal serişdelerini gaýtadan işlemek, tebigy serişdeleriň gorlaryny bilelikde özleşdirmek, senagat kärhanalaryny gurmak, ulag geçelgelerini döretmek, sebitiň ýurtlaryny dünýä bazarlary bilen baglanyşdyrýan logistika ugurlaryny ösdürmek, emeli aň ulgamynda bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak, döwlet hyzmatlaryny sanlylaşdyrmak, «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak, howanyň üýtgemegine garşy uýgunlaşmak bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar. Sammitiň jemleri boýunça «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» ilkinji sammitiniň Seul Jarnamasy kabul edildi.

### IŞEWÜRLER SAMMITININŇ ÝÖRITE MEJLISI GEÇIRILDI

Soňra hormatly Prezidentimiz «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» görnüşindäki işewürler sammitiniň ýörite mejlisine gatnaşdy.

Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Li Çže Mýon işewürler sammitiniň ýörite mejlisini açyp, Merkezi Aziýa ýurtlary bilen Koreýany taryhyň jümmüşine uzap gidýän gadymy gatnaşyklaryň baglanyşdyryp gelýändigini we häzirki wagtda Koreýanyň bu gatnaşyklary mundan beýläk-de ugurlaryň giň gerimi boýunça ösdürmäge taýýardygyny aýtdy.

Soňra mejlise gatnaşyjylara söz berildi.

Hormatly Prezidentimiz çykyşynyň başynda hemmeleri Merkezi Aziýa döwletleri bilen Koreýa Respublikasynyň arasynda netijeli dialog üçin möhüm we abraýly işewürlik meýdançasyna öwrülen işewürlik sammitiniň mejlisinde mähirli mübärekläp, bu işewürlik dialogyna ýurtlarymyzyň arasynda giň ugurlar boýunça doly formatly, yzygiderli, uzak möhletli ykdysady, söwda, maýa goýum hem-de işewürlik hyzmatdaşlygyny ösdürmekde wajyp başlangyç nokady hökmünde garaýandygyny aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz şunda işewürlik jemgyýetçiliginiň uly ornuny belläp, öz zähmeti, zehini bilen ýokary netijeleri gazanan jogapkärli hem-de üstünlikli telekeçileriň diňe bir ösüşe goşant goşman, eýsem, Merkezi Aziýa bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky döwletara hyzmatdaşlygyň täze taslamalaryny we görnüşlerini öňe sürmäge, möhüm kararlary kabul etmekde hökümetlere amaly, usuly taýdan goldaw berjekdiklerine hem ynam bildirdi. ■ 2

## Ykdysady üstünlikleriň sergisi

*17-nji sentýabrda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň binasynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň ykdysady üstünlikleriniň sergisi öz işine başlady.*

Serginiň açylyş dabarasyna Mejlisiň ýolbaşçylary, hökümet agzalary, ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň, Türkmenistanda işleýän diplomatik wekilhanalaryň we halkara guramalaryň ýolbaşçylary we myhmanlar gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiz sergä gatnaşyjylara Gutlagyny iberdi. Döwlet Baştutanymyz Gutlagynda: «Ýurdumyzyň ykdysadyýetini durnukly ösdürmek, bazar özgertmelerini ilerletmek, ilatyň durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak babatda geljegi nazarlaýan tutumly maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilip, ykdysadyýetiň pudaklaryny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmekde, tebigy serişdeleri aýawly hem-de toplumlaýyn peýdalanmakda netijeli işler alnyp barylýar. Import edilýän önümleriň ornuny tutýan we eksport ugurly önümçilikleri ösdürmekde, innowasion, sanly tehnologiýalary ornaşdyrmakda uly sepgitlere ýetilýär. Durmuş ugurly çäreleriň amala



aşyrylmagy netijesinde Diýarymyzyň dürli künjeklerinde täze obalar, şäherler bina edilip, mähriban halkymyzyň ýokary hilli ýaşaýyş şertleri üpjün edilýär. Ähli ugurlarda gazanylýan durmuş-ykdysady üstünliklerimiziň özeni halkymyzyň abadan, bagtyýar ertirini hem-de röwşen geljegini kepillendirmäge gönükdirilendir» diýip belleýär. ■ 2

## ÝURDUMYZYŇ KOREÝA RESPUBLIKASYNDAKY MEDENIÝET GÜNLERI

*Hormatly Prezidentimiziň Koreýa Respublikasyna döwlet saparyna gabatlanyp, 16-njy sentýabrda Gwangju şäherinde Türkmenistanyň Medeniýet günleriniň açylyş dabarasy geçirildi.*

Gwangju şäherindäki Aziýa medeniýeti milli merkezinde guralan Türkmenistanyň Medeniýet günleriniň açylyş dabarasyna iki ýurduň Medeniýet ministrlikleriniň, ugurdaş edaralarynyň ýolbaşçylary, medeniýet we sungat işgärleri, beýleki köp sanly adamlar gatnaşdylar. Onuň çäklerinde Türkmenistanyň we Koreýa Respublikasynyň degişli ministrlikleriniň ýolbaşçylarynyň arasynda geçirilen duşuşykda medeni gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň ugurlary boýunça netijeli pikir alyşmalar boldy. Duşuşykda nygtalyşy ýaly, Türkmenistan döwletara gatnaşyklaryň çäklerinde medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga, taryhy-medeni mirasy gorap saklamaga uly ähmiýet berýär. Halkara derejeli festiwallaryň, sergileriň, maslahatlaryň, konsertleriň guralmagy ýurtlaryň arasynda medeni-ynsanperwer dialogyň ösdürilmegine itergi berýär. Taraplar iki ýurduň medeniýet we sungat işgärle-



riniň şeýle çärelere gatnaşmagynyň möhümdigini bellediler.

Hormatly Prezidentimiziň Koreýa Respublikasyna döwlet saparynyň dowamynda hyzmatdaşlygyň dürli ugurlary boýunça türkmen-koreý gatnaşyklaryny ösdürmek babatda resminamalara gol çekildi. ■ 2

## GARAŞSYZLYK – BAŞ BAÝRAMYMYZ

Altyn güýzüň taryhy wakalara, uly üstünliklere beslenýän her güni bizi beýik Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk toýuna barha ýakynlaşdyrýar. Bu gün Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen uly özgerişlikleri başdan geçirýäris. Mukaddes Garaşsyzlygymyzy gazananymyz bäri geçen döwürde ýurdumyz ykdysady, medeni galkynyşlaryň, asudalygyň we abadançylygyň ýurdy hökmünde halkara giňişliginde özüni ykrar etdirdi.



Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistan dünýä kartasynda özüniň parahatçylyk söýüji daşary syýasaty, güýçli ykdysadyýeti we berk jemgyýetçilik agzybirligi bilen tanalýan kuwwatly döwlete öwrüldi. ■ 3

3



### Şri-Lankanyň «Arslan gaýasy»

Şri-Lankanyň merkezinde, Dambulla şäheriniň golaýynda ýerleşýän Sigiriýa galasy ýurduň esasy taryhy ýadygärlikleriniň biri hasaplanýar.

4



### Ägirt uly energetika maýasy

Koreýa Respublikasy ABŞ-da emeli aň infrastrukturasyny ösdürmäge gönükdirilen 100 milliard dollarlyk ägirt uly energetika taslamalaryny maliýeleşdirmäge taýýarlanýar.

5



### «Amerika Açyk» tennis ýaryşynyň täze çempionlary

Tennis boýunça möwsümiň 4-nji «Uly tuwulga» ýaryşy «Amerika Açykda» zenanlardan gazagystanly Ýelena Rybakina, erkeklerden germaniýaly Aleksander Zwerew ýeňiji boldy.

## 73 ýyldan soňra satyldy

ABŞ-nyň Indiana ştatynda «Kruse Auctions» auksion öýi 73 ýyl ozal öndürilen «Cadillac» awtoulagyny satuwa çykardy. Mundan ozal 2023-nji ýylda 940 müň amerikan dollaryna satylan ulagy başga biri 1 million 275 müň dollara satyn aldy. Ulag Italiýanyň «Carrozzeria Motto» kompaniýasynyň hünärmenleri tarapyndan «Cadillac Series 62» ulagynyň platformasynyň üstünde 30 aýyň dowamynda ýasalypdyr. Onuň dizaýnyny meşhur nemes senagat dizaýneri Albreht fon Gers taýýarlapdyr.



Ulagyň gapylarynyň tutawaçlaryna, öňki we yzky aýnalarynyň çarçuwasyna sap altyn çaýylypdyr. Gabarasy ak reňkli bolan ulagyň üçegi altynsow reňk bilen reňklenipdir. Üsti açylýan ulagyň içi goýy gyzyl reňkli bolup, üýtgeşik çyralar bilen bezelipdir.

6970 kilometr ýol geçen «Cadillac Elegante» kolleksiýaçylaryň ünsüni özüne çekýär. Kuwwaty 210 at güýjüne barabar bolan kabrioletiň 5,4 litr göwrümi bolan hereketlendirijisi bar. Model ilkinji gezek 1955-nji ýylda Nýu-Ýork awtoulag sergisinde tanyşdyrylypdyr. Ilkibaşda bu modelden 10 000-si öndürilmegi göz öňünde tutulan hem bolsa, bu maksada ýetilmedi. Hut şol sebäp bolsa, ulagyň gymmatyny artdyrýar. Nusgawy awtoulaga 2014-nji ýyldaky ýel harasatynda zeper ýetipdir. Şondan soňra ulag ilkibaşdakysy ýaly edilip rejelenipdir.

**Aýnur ESENAMANOWA,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mugallymy.*

## Kosmos pudagynda hususy maýa goýum köpelýär

Soňky ýyllarda kosmos pudagynda iş alyp barýan hususy kompaniýalar barha artýar. Maglumatlara görä, geçen ýyl kosmosa uçurylan emeli hemralaryň 88 göterimi hususy pudaga degişli boldy. Bu barada Ýewropa Kosmos Agentliginiň hasabatynda bellenilýär. Hasabatda kosmos ykdysadyýeti, innowasiýa barada maglumatlar bar. Hususy kompaniýalar tarapyndan uçurylan emeli hemralaryň paýy 2010-njy ýylda 23% bolupdyr. Geçen ýyl uçurylan emeli hemralaryň 82 göterimini telekommunikasiýa hemralary emele getiripdir.

Kosmosyň aragatnaşyk, nawigasiýa, Ýeri synlamak ýaly ugurlary öz içine alýan aşaky orbita degişli böleginiň pul dolanyşygy geçen ýyl 7 göterim artyp, 489 milliard ýewro bolupdyr.



Ýeriň orbitasyndaky işjeň ýagdaýdaky emeli hemralaryň sany geçen ýylyň ahyrynda 14 müňden geçen bolsa, şu ýylyň ortalarynda 15 müňe golaýlapdyr.

Halkara Telekommunikasiýa Bileleşiginiň habar bermegine görä, emeli hemralaryň sany geljekde 2 milliondan geçer. Olaryň köp bölegini internet aragatnaşygy maksady bilen ulanylýan kiçi emeli hemralar emele getirer. Azyndan bir emeli hemrasyny kosmosa ugradan ýurtlaryň sany 109-a ýetipdir. Geçen ýyl ABŞ 181, Hytaý 92, Ýewropa 8 uçuşy amala aşyrypdyr. Kosmosa uçurylýan enjamlaryň agramy boýunça Hytaý öňdeligi eýeleýär. Kosmosa uçurylan enjamlaryň 46 göterimi Hytaýa, 27 göterimi ABŞ-a, 9 göterimi Russiýa, 7 göterimi Ýewropa we 4 göterimi Ýaponiýa degişli bolupdyr.

**Güljemal AKMYRADOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## 100 ýaşlylaryň sany 100 müňden geçdi

Ýaponiýada her ýylyň 15-nji sentýabry «Ýaşululara hormat» güni hökmünde bellenilýär. Bu sene mynasybetli maglumat ýaýradyldy. Ýurduň Saglyk, iş we abadançylyk ministrliginiň maglumatlaryna görä, Günüň dogýan ýurdunda 100 ýaşdan geçenleriň sany 56 ýyldan bäri artýar.



Häzirki ýagdaýa görä, ýurtda bir asyrdan köp ýaşanlaryň sany 107 müň 677 bolupdyr. Şeýlelikde, ilkinji gezek 100 ýaşdan geçenleriň sany 100 müňden ýokary bolupdyr. Soňky bir ýylda bäri 100 ýaşlylaryň sany 7 müň 914 sany artypdyr. Olaryň 94 müň 298-siniň zenan, 13 müň 379-synyň erkeklerdigi mälim edildi. Ýurtda iň garry zenan 114 ýaşly Kişimoto Fuýo, iň garry erkek 112 ýaşly Kato Hikaru diýlip hasaba alyndy.

Ýaponiýada 100 ýaşdan geçenler bilen bagly maglumatlar ilkinji gezek 1963-nji ýylda hasaba alnyp başlanypdyr. Has köp ýaşlylaryň sany 1981-nji ýylda 1 müňden, 1998-nji ýylda 10 müňden we 2012-nji ýylda 50 müňden geçipdir. Ýurtda zenanlar ortaça 87,3 we erkekler 81,3 ýyl ýaşaýar.

**Nurgözel ATDAÝEWA,**
*Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.*

## Howa gatnawy artdy

Şu ýyl dünýäde howa gatnawynyň barha artýandygy mälim edildi. Howa gatnawyna gözegçilik edýän «Eurocontrol» guramasynyň maglumatyna görä, Ýewropa bilen Aziýa-Ýuwaş ummany aralygyndaky howa gatnawy tomsuň ahyrynda geçen ýylyň degişli döwrüne görä, 12% ýokarlanypdyr. Şeýlelikde, bu aralyk iň uly ösüş gazanylan ýyklymara ugur boldy.



1-nji iýun – 31-nji awgust aralygynda Ýewropanyň içinde gündelik gatnawyň 35 müň 959-a ýetendigi mälim edildi. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründäkiden 2,4% ýokarydyr. 10-njy iýuldaky gatnaw 37 müň 640 bolup, rekord derejä ýetipdir. Üç aýyň dowamynda 14 ýurtda, 16 aeroportda we 11 awiakompaniýada gündelik rekord täzelenipdir.

**Muhammedaly GURBANOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# YKDYSADY ÜSTÜNLIKLERIŇ SERGISI





**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Her ýyl geçirilýän sergide Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň diwarlyklary bar.

Giň gerimli serginiň esasy maksady ykdysadyýetiň pudaklarynyň gazananlaryny we mümkinçiliklerini, düýpli özgertmeleriň netijelerini, şeýle hem döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň netijeliligini görkezmekden ybaratdyr.

Sergide ýokary tehnologiýaly enjamlar, gurallar, döwrebap gurluşyk we bezeg materiallary, kompýuter we kommunikasiýa mümkinçilikleri, azyk senagaty pudagynda ýetilen sepgitler, ekologiýa meselelerini çözmekdäki, sporty hem-de syýahatçylygy, ylmy, medeni we işgärler goruny ösdürmekdäki üstünlikler bilen tanyşdyryldy.

Ykdysady üstünlikleriň sergisi 19-njy sentýabrda tamamlanýar.

# TÜRKMENISTAN-BMG: ÄHLUMUMY ÖSÜŞLERE GÖNÜKDIRILEN BAŞLANGYÇLAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy barha işjeňleşýär. BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan ýurdumyzyň öňe sürýän halkara başlangyçlarynyň goldanylmagy we degişli Kararnamalaryň kabul edilmegi şeýle diýmäge esas berýär. Şu ýylyň maý we iýun aýlarynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň dowamynda, degişlilikde, «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüş işini goldamakda hem-de berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti»



we «2028-nji ýyl – Halkara hukuk ýyly» atly Kararnamalaryň kabul edilmegi aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

BMG-niň işjeň we jogapkärli agzasy bolan ýurdumyz dünýäde parahatçylygyň, ynanyşmagyň we BMG-niň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlygyň pugtalanmagy ugrunda nusgalyk tagalla edýär. Munuň şeýledigine dünýäniň 78 döwletiniň awtordaşy bolmagynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen «2028-nji ýyl – Halkara hukuk ýyly» atly Kararnama aýdyň şaýatlyk edýär.

Türkmenistan döwletimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 81-nji sessiýasynyň çäklerinde adamzadyň öňünde duran has derwaýys we wajyp meseleleri çözmek barada öz garaýyşlaryny beýan eder hem-de olaryň netijeli çözülmegine gönükdirilen anyk başlangyçlary öňe sürer. Ýurdumyz dünýä syýasatynyň wajyp meseleleri babatdaky anyk garaýyşlary we başlangyçlary öňe sürmegi, bu sessiýa parahatçylygy, durnuklylygy, howpsuzlygy berkitmegiň bähbidine halkara jemgyýetçiligiň tagallalarynyň birleşdirilmeginiň möhüm tapgyry hökmünde garaýar. Nobatdaky sessiýada ýurdumyz Ähli̇umumy parahatçylyk strategiýasyny işläp taýýarlamak boýunça döwletara geňeşmeleri geçirmegi meýilleşdirýär. Şeýle hem bu sessiýada hormatly Prezidentimiziň Parahatçylyk we bitaraplyk uniwersitetini esaslandyrmak baradaky teklibini iş ýüzünde durmuşa geçirmek üçin BMG we onuň düzüm birlikleri bilen degişli işler alnyp barlar. Bu ugurda nobatdaky ädim hökmünde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Parahatçylyk we bitaraplyk kafedrasynyň ýanynda Parahatçylygyň, bitaraplygyň we öňüni alyş diplomatiýasynyň akademiki merkezini döretmek boýunça geňeşmeleri geçirmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek we energiýa serişdelerinden rejeli peýdalanmak meseleleri hem möhüm orny eýeleýär. Şu nukdaýnazardan, ýurdumyzyň başlangyjy boýunça howanyň üýtgemegi babatda başlangyçlaryň öňe sürülmegine ýardam bermäge gönükdirilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň täze meýdançasy hökmünde Aşgabat howa dialogyny döretmek teklip ediler. Şeýle hem bu sessiýada ynsanperwer ugurly birnäçe teklipleri öňe sürmek meýilleşdirilýär.

Adamzadyň abadan we asuda durmuşda ýaşamagy ugrunda uly tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz alkyş aýdýarys.

**Mamajan HAÝTMURADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# MAÝA GOÝUM FORUMY – GELJEGE GÖNÜKDIRILEN TASLAMALAR

1-2-nji oktýabrda geçiriljek «Türkmenistanyň Maýa goýum forumy» (TIF 2026) üstümizdäki ýylyň işewürlik gün tertibiniň esasy wakalarynyň birine öwrülip, hususy pudagy ösdürmek we milli ykdysadyýete maýa goýumlary çekmek boýunça döwlet strategiýasynyň möhüm bölegi hökmünde çykyş edýär. Forum durmuş-ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryny özünde jemleýän möhüm ugurlary – hususy pudagyň ösüşi, döwlet-hususy hyzmatdaşlygy, agrar pudagy we azyk howpsuzlygy, infrastruktura we ulag ulgamyna maýa goýumlarynyň artdyrylmagy, sanly özgertmeleriň giňeldilmegi ýaly giň ugurlary özünde jemleýär.

Bu ugurlar milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşiniň we döwrebaplaşdyrylmagynyň binýadyny emele getirip, uzak möhletleýin hem-de özara bähbitli halkara hyzmatdaşlyk üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Bu foruma şu wagta çenli 200-den gowrak kompaniýa hem-de 800-den gowrak wekiliýet gatnaşmak üçin gyzyklanma bildirdi we hasaba durdy. Şolaryň hatarynda ilkinji gezek gatnaşýan Halkara ylmy-barlag we maslahat beriş kompaniýasy bolan Oksford Işewürler Toparynyň bolmagy hem uly ähmiýete eýedir. Oksford Işewürler Topary 1994-nji ýylda esaslandyrylyp, ösüp barýan bazarlardaky ykdysady barlaglar we maýa goýumy seljerme işi boýunça ýöriteleşýär. Kompaniýa 40-dan gowrak ýurtda hereket edýär we halkara ylmy-barlag toruny ýerlerdäki işi bilen utgaşdyrýar.




Şeýle giň gerimli hem-de has giň ugurly wekiliýetleriň gatnaşmagy Türkmenistana bolan gyzyklanmanyň hem-de ýurdumyzyň sebit we halkara derejesindäki maýa goýum çekijiliginiň aýdyň subutnamasydyr.

**Mähri REJEPOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# SEBIT ABADANÇYLYGYNYŇ BÄHBIDINE NETIJELI HYZMATDAŞLYK

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Döwlet Baştutanymyz şunda işewürlik jemgyýetçiliginiň uly ornuny belläp, öz zähmeti, zehini bilen ýokary netijeleri gazanan jogapkärli hem-de üstünlikli telekeçileriň diňe bir ösüşe goşant goşman, eýsem, Merkezi Aziýa bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky döwletara hyzmatdaşlygyň täze taslamalaryny we görnüşlerini öňe sürmäge, möhüm kararlary kabul etmekde hökümetlere amaly, usuly taýdan goldaw berjekdiklerine hem ynam bildirdi. Munuň özi ýurtlarymyzyň ykdysady ösüşiň täze sepgitlerine tarap bilelikde hereket etmegi üçin berk binýady kemala getirmäge mümkinçilik berer.

Hormatly Prezidentimiz Merkezi Aziýanyň we Koreýa Respublikasynyň ykdysady, tehnologik kuwwatynyň, şeýle-de olaryň ösüş depgininiň iň batyrgaý we geljegi uly maksatnamalary amala aşyrmak babatda giň mümkinçilikleri açýandygyny aýratyn belläp, Türkmenistanyň bu işlere işjeň gatnaşjakdygyny, işewürlik jemgyýetçiliginiň arasynda göni gatnaşyklary, alyşmalary ösdürmek üçin ähli zerur ýardamy bermäge, hyzmatdaşlyk meýillerinde, başlangyçlarynda işewürlik işjeňligini, özbaşdaklygy hem-de innowasiýalary höweslendirmäge taýýardygyny tassyklady.

Sözüniň ahyrynda döwlet Baştutanymyz işewürlik sammitine gatnaşyjylara netijeli işleri, gepleşikleriň üstünlikli geçmegini hem-de hyzmatdaşlygy, özara bähbitli ösüşi pugtalandyrmagyň ýolunda täze üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiziň çykyşy uly üns bilen diňlenildi.

Mejlisiň dowamynda geologiýa, mineral serişdeleri gaýtadan işlemek, energetika ulgamynda, şol sanda «ýaşyl» energetikada bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek, öňdebaryjy koreý tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, multimodal ulag geçelgelerini döretmek, sebitiň üstaşyr geçirijilik mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Soňra Koreýa Respublikasynyň Prezidentiniň adyndan «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» ilkinji sammitine gatnaşyjy döwlet Baştutanlarynyň hormatyna resmi agşamlyk nahary berildi.

Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiziň Koreýa Respublikasyna amala aşyran döwlet sapary iki ýurduň arasyndaky ynanyşmagyň we özara hormat goýmagyň ýokary derejesini aýdyň görkezdi. Seulda geçirilen ýokary derejedäki gepleşikler we gol çekilen ikitaraplaýyn resminamalaryň uly toplumy dürli ulgamlarda giň möçberli taslamalary durmuşa geçirmek üçin berk binýady goýdy. Döwlet Baştutanymyzyň «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» formatyndaky ilkinji sammitine gatnaşmagy hem-de däp bolan dostlukly dialogyň hil taýdan täze derejä çykarylmagy bolsa taraplaryň tutuş sebitiň abadançylygynyň bähbidine uzak möhletli hyzmatdaşlygy dowam etdirmäge taýýardyklaryny tassyklady.

# ÝURDUMYZYŇ KOREÝA RESPUBLIKASYNDAKY MEDENIÝET GÜNLERI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şolaryň hatarynda Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň Döwlet medeniýet merkezi bilen Koreýa Respublikasynyň Medeniýet, sport we syýahatçylyk ministrliginiň Aziýa medeniýeti milli merkeziniň arasynda medeni alyş-çalyşda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama hem bar. Duşuşyga gatnaşyjylar bu resminamanyň iki ýurduň degişli medeni merkezleriniň arasynda gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegine itergi berjekdigini nygtadylar.

Günüň ikinji ýarymynda Aziýa medeniýeti milli merkezinde Türkmenistanyň Koreýa Respublikasyndaky Medeniýet günleriniň açylyş dabarasy mynasybetli sungat ussatlarynyň konserti guraldy. Açylyş dabarasy milli amaly-haşam sungatynyň eserlerinden ybarat bolan sergi bilen utgaşdy. Onda muzeý gymmatlyklaryna, suratkeşleriň, heýkeltaraşlaryň eserlerine, milli lybaslara orun berildi. Munuň özi dostlukly ýurduň köp sanly ýaşaýjylarynyň türkmen halkynyň dünýä beren milli gymmatlyklary, däp-dessurlary bilen tanyşmagy üçin amatly mümkinçilik boldy.

Açylyş dabarasynda çykyş edenler Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň işjeň durmuşa geçirýän medeni diplomatiýasynyň dünýä ýurtlary bilen köpugurly gatnaşyklary giňeltmäge ýardam berýändigini bellediler. Ynsanperwer ulgamda barha rowaçlanýan ikitaraplaýyn gatnaşyklar hem munuň şeýlediginiň aýdyň mysalydyr.

Medeniýet günleriniň açylyş dabarasy mynasybetli taýýarlanan aýdym-sazly çykyşlar konserte gatnaşyjylarda ýakymly täsirleri galdyrdy. Aýdymçylaryň, sazandalaryň, tans toparlarynyň millilik bilen utgaşýan çykyşlary konsertiň baý many-mazmuna eýe bolmagyny şertlendirdi. Türkmen estrada ýyldyzlarynyň dürli dillerde aýdymlary ýerine ýetirmekleri dabaranyň şowhunyny artdyrdy.



Joşgunly aýdym-sazlar hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyzda dünýä ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyklaryň, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyň işjeň ösdürilýändigini subut etdi.

Gadymy hem-de häzirki zaman aýdym-sazlary, halkymyzyň özboluşly däp-dessurlarynyň beýany bolan horeografik-folklor çykyşlar konsert maksatnamasynyň özenini düzdi. Bitewi döredijilik sazlaşygyny özünde jemlän çykyşlar zehinli artistleri mähirli garşylan koreýaly tomaşaçylar üçin hakyky sowgada öwrüldi.

# ÝANGYN HOWPSUZLYK DÜZGÜNLERINI BERJAÝ EDELIŇ!

Ýurdumyzda ähli amatlyklary bolan, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän ýaşaýyş jaýlarydyr edara binalarynyň gurlup ulanylmaga berilmegi halkymyz hakynda edilýän aladanyň mysaly bolup durýar. Häzirki wagtda halkymyzyň bagtyýar durmuşy we ýaşaýşy üçin durmuşa geçirilýän işler ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini üpjün etmek meselesine has oýlanyşykly we jogapkärli çemeleşmegi talap edýär. Ýangyn howpsuzlyk düzgünleri ähli adamlar üçin kanuny borçdur.

Häzirki döwürde ylmyň we tehnikanyň ösmeginiň netijesinde el zähmetini ýeňilleşdirýän elektrik togy bilen işleýän enjamlar has-da artdy. Kir ýuwujy, otag sowadyjy, nahar bişiriji, tozan sorujy, suw gyzdyryjy, çaý gaýnadyjy, kompýuter, tele we wideo ulgamy ýaly enjamlar öý hojalygynda giňden ulanylýar. Bu enjamlaryň gyzdyryjylary hem-de hereketlendirijileri awtomatik usulda işleýär. Bu enjamlary gurnamak işleri diňe ýörite hünärmenler tarapyndan amala aşyrylmalydyr. Enjamlar gurnalanda elektrik ulgamy aýratynlykda geçirilip, elektrik geçirijileriniň ugrunda goraýjy enjamlar oturdylmaly. Bu enjamlaryň elektrik togy sarp edijiligi örän ýokary bolup, işleýän wagtynda ýörite gözegçilikde saklamaly. Enjamlaryň birikdirijileriniň gyzmagynyň öňüni almak üçin olary talabalaýyk ulanmaly. Elektrik togy bilen işleýän enjamlar gurnalanda, ulanylanda, simleriň sütünleri berkidilende ýönekeý usulda sarap goýmak, elektrik enjamlaryny köp işletmek, elektrik geçiriji simleriň daşky örtükleriniň zaýalanan görnüşindäkilerini ulanmak, gyzdyryjy enjamlaryň aşagyna oda durnukly gatlaklary goýmazdan ulanmak talabalaýyk däldir.



Mähriban ildeşler! Öýden, iş ýerlerinden gitmezden öň elektrik togy bilen işleýän enjamlaryň öçürilendigini barlamagy unutmaň! Elektrik togy bilen işleýän enjamlar gurnalanda we ulanylanda ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini doly we dogry berjaý ediň! Çünki, ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek abadan we bagtyýar ýaşaýşyň esasy şertleriniň biridir.

**Yhlas MIRIÝEW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 100-nji harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň döwlet ýangyn gözegçilik bölümçesiniň müdiri-uly gözegçisi, içerki gullugyň maýory.*

## Iň uzak aralyga gidýän elektroulag

«Volkswagen» kompaniýasy Gün panelleri bilen örtülen, aerodinamika dizaýny bilen tapawutlanýan elektroulagyny tanyşdyrdy. Synag sürüşinde 1 müň 278 kilometr ýol geçen ulagyň howanyň we ýoluň ýagdaýyna görä, 1 müň 400 kilometr ýol geçip biljekdigi mälim edildi. Geçirilen synagda ulag 100 kilometr ýol geçende, 6,89 kWt elektrik energiýasyny sarp edýär. Ulagyň aerodinamikasynyň ösen bolmagy howanyň sürtülmegini azaldyp, has köp ýol geçmegine sebäp bolýar.



Synag maksatly öndürilen ulagda «ID.Polo» modelinde ulanylan motor oturdylypdyr. Kuwwaty 135 at güýjüne barabar bolan ulagyň üsti Gün paneli bilen örtülipdir. Habar berlişi ýaly, bu paneller howanyň ýagdaýyna görä, her günde 30 kilometr ýol geçmäge ýetjek elektrik energiýasyny öndürip biler.

Modeliň elektroulagyň energiýany näderejede netijeli ulanyp biljekdigini görkezmek maksady bilen öndürilendigi, häzirlikçe köpçülikleýin önümçiligiň ýola goýulmajakdygy mälim edildi.

**Mähri TÄŞLIÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

## 12,5 trillion tonna buz eredi

Ýeriň günorta we demirgazyk polýuslaryndaky buzluklar howa üçin uly ähmiýete eýedir. Galyň buzluklar planetany aşa gyzmakdan goraýar. Geçirilen barlaglarda 1979-njy ýyldan bäri Grenlandiýada we Antraktidada erän buzuň mukdarynyň 12,5 trillion tonna ýetendigi mälim edildi. «Scientific Data» žurnalynda çap edilen makalada erän buzuň 6-dan 5 böleginiň yssy howa sebäpli däl-de, buzlugyň kenarýakasyna urýan ýyly tolkunlar sebäpli erändigi mälim edildi.



Buzuň eremegi we gaýtadan doňmagy pasla görä üýtgäp durýan tebigy ýagdaýdyr. Yzygiderli ereýän buz ummany arassa suw bilen üpjün edýär. Erän buzuň mukdarynyň 11,3 katrillion litre barabardygy bellenilýär. Munuň ummanyň suwuny 1 dýuým beýgeldendigi çaklanylýar.

Ylmy makalanyň awtorlarynyň biri Endrýu Şepard 1970 – 1990-njy ýyllar aralygynda buz gatlagynyň durnukly bolandygyny, esasan, 2010-njy ýyllardan soňra eräp başlandygyny mälim etdi. Topar bu ylmy işi geçirmek üçin 27 emeli hemradan peýdalanyp, 45 barlagy seljeripdir.

**Ogulbibi NURYÝEWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Gurbannazar Eziziow adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

## Ýokary tizlikli otly ýollary

Soňky ýyllarda dünýäde ýokary tizlikli otly ýollaryna has köp maýa goýulýar. Indi aşa ýokary tizlik bilen hereket edýän otlular uçarlar bilen bäsleşýär. Şeýle bolansoň ýurtlaryň ýokary tizlikli otly ýollarynyň uzynlygy hem barha artýar. Ýer ýüzünde şeýle ýollaryň uzynlygy boýunça Hytaý uly tapawut bilen öňe saýlanýar. Maglumata görä, bu ýurtda 47 803 kilometr demir ýol ýokary tizlikli otlulara niýetlenipdir.



Ikinji orny 3 993 kilometr bilen Ispaniýa eýeleýär. Her günde ilatyň sanyna barabar otly bileti satylýan Ýaponiýada bolsa, 3 272 kilometrlik ýokary tizlikli otly ýoly bar. Bu görkeziji otly lokomotiwlerini öndürmekde öňdebaryjy ýurtlaryň biri bolan Fransiýada 2 760 kilometre ýetýär. 1 941 kilometr ýokary tizlikli otly ýoly bolan Germaniýa bu ýurtlaryň sanawynda bäşinji orny eýeleýär. Ilkinji onluga Türkiýe (1 232 km), Finlýandiýa (1 120 km), Italiýa (1 097 km), Şwesiýa (895 km) we Koreýa Respublikasy (874 km) girýär.

**Mähriban ANNAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 18-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-119482
Belgisi: 38/1708
Tiražy: 10340
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
**Tel/Faks:** 28-14-05, 28-14-36
**web sahypa:** www.zamanturkmenistan.com.tm
**e-poçta:** info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

**Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi:** 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# SAGDYN IÝMITLENMEK MÖHÜMDIR

Güýz paslynyň gelmegi bilen howa günsaýyn sowap, Gün şöhlesiniň dowamlylygy azalýar. Möwsüm çalyşýan bu döwürde bedenimiz täze tebigy şertlere uýgunlaşmaly bolýar. Howanyň üýtgemegi sebäpli adamlarda ýadawlyk, ukusyzlyk we immun ulgamynyň gowşamagy ýaly ýagdaýlar ýüze çykyp biler. Şol sebäpli, saglygymyzy goramagyň, energiýamyzy ýokary derejede saklamagyň we möwsümleýin keselleriň öňüni almagyň iň netijeli ýoly – dogry we deňagramly iýmitlenmekdir.



Güýzine hem edil beýleki pasyllardaky ýaly, sagdyn iýmitlenmek we iş bilen dynç alşy utgaşdyrmak, pasla görä geýinmek zerurdyr. Aşa ýadamak, gyzgyn, howasy çalyşmaýan otagda uzak wagtlap bolmak ýa-da tersine aşa sowuk otagda bolup, sowuk iýmitleri iýmek bedenimize zyýanly täsirini ýetirýär. Şeýle-de döräp biljek möwsümleýin ýokanç kesellerden goranmak maksady bilen, şahsy arassaçylyk tertip-düzgüni berjaý edilmeli.

Sentýabr we oktýabr aýlarynda datly miweler ýetişýär. Gök önümler beden üçin ýokumly witaminleri özünde jemleýär. Kädi A, C, E witaminlerine baýdyr. Kädi iýmit siňdiriş ulgamyny gowulandyrýar. Nar we üzüm antioksidantlara baý bolup, ganyň düzümini gowulandyryp, ýürek-damar ulgamyny berkitmäge, öýjükleriň täzelenmegine kömek edýär. Alma we armyt bolsa süýümlere baý bolup, içege mikroflorasyny sazlaşdyrmaga we deňagramly saklamaga kömek edýär.

Güýzde immun ulgamyny güýçlendirýän önümleri iýmek maslahat berilýär. Sarymsak we sogan tebigy antibiotik hökmünde mikrob we wiruslara garşy bedeniň çydamlylygyny ýokarlandyrýar.

Tomus aýlarynda sowuk içgiler we ýeňil işdäaçarlar köp sarp edilen bolsa, güýzde dok tutýan naharlary iýmek maslahat berilýär. Dürli suwuk naharlar, gök önümli çorbalar we nohutly tagamlar hem bedeni ýyladýar.

Sowuk howada adamyň suw içmek islegi azalsa-da, bedeniň suwa bolan islegi üýtgemeýär. Gurak howada deriniň we öýjükleriň çyglylygyny saklamak üçin her gün ýeterlik mukdarda (1,5–2 litr) arassa suw içmeli. Süýji we gazly içgileriň ornuna otly çaýlary, tebigy kompotlary saýlamak peýdalydyr.

Sagdyn iýmitlenmek diňe bir fiziki saglygy däl, eýsem, ýokary zähmet ukyplylygyny hem üpjün edýär. Ýeterlik ukyny almak, arassa howada gezelenç etmek sizi möwsümleýin kesellerden gorap, güýz aýlaryny ruhubelent geçirmäge mümkinçilik berer.

**Selbi AMANOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň medisina ekologiýasy we gigiýena kafedrasynyň müdiri.*

# GARAŞSYZLYK – BAŞ BAÝRAMYMYZ

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Mukaddes Garaşsyzlygyň 35 ýyllyk dabaraly baýramyna barýan ýolumyz – beýik gurluşyklaryň, ylym-bilimiň ösüşiniň, jemgyýetçilik-syýasy özgerişleriň taryhydyr. Gahryman Arkadagymyzyň binýadyny goýan beýik ösüş ýoly hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda täze mazmun, belent ruh we egsilmez kuwwat bilen dowam etdirilýär.

Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan ösüşini üpjün etmekde kabul edilen döwlet maksatnamalary yzygiderli durmuşa geçirilýär. Senagatlaşdyrmak, milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmak, sanly ulgama geçmek we daşky gurşawy goramak boýunça alnyp barylýan işler bu gün özüniň aýdyň miwelerini berýär. Şanly Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygynyň öňüsyrasynda gazanylan her bir üstünlik ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna, ýurdumyzyň dünýä giňişligindäki abraýynyň artmagyna hyzmat edýär. Garaşsyzlygyň 35 ýyllyk baýramy mynasybetli ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda, şäherdir obalarynda uly gurluşyk-binagärlik işleri bellenilýän meýilnamalara laýyklykda alnyp barylýar.

Häzirki ajaýyp döwrümizde bilim özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ylym-bilimde döredilýän giň mümkinçilikler, täze bilim ojaklary bilim işgärlerini has-da döredijilikli işlemäge ruhlandyrýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ykdysady taýdan ösýän döwletleriň hatarynda dünýäde giňden ykrar edilýär. Munuň özi, ilkinji nobatda, häzirki zaman ylmynyň ösen tehnologiýalarynyň önümçilige ornaşdyrylýandygy bilen berk baglanyşyklydyr.

Ýurdumyzda sanly ulgamyň işini üstünlikli alyp barýan, Watanymyzyň ösüşlerine goşant goşýan bilimli hünärmenler ýaşlardyr. Halk hojalygynyň pudaklaryndaky ösen tilsimatlardan oňat baş çykarýan ýaş nesliň kemala gelmegi buýsançly ýagdaýdyr. Hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynda şeýle belleýär: «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz Watanymyz öz ösüşiniň täze basgançaklaryna bedew bady bilen gadam basýar. Ösüşleriň hem-de özgerişleriň aýdyň ýolundan beýik hem-de röwşen geljegine barýar. Biziň alyp barýan syýasatymyz Garaşsyz, Bitarap döwletimizi syýasy, ykdysady, hukuk we medeni taýdan berk binýatly, kuwwatly ýurda öwürmekden, halkymyzy bagtyýar, parahat, eşretli durmuşda ýaşatmakdan ybaratdyr». Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, ýurdumyz syýasy, ykdysady, hukuk we medeni taýdan berk binýatly döwlete öwrüldi.




«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň şanly wakalary taryhyň gatlaryndan mynasyp orun alyp, ýurdumyzyň ynamly gadamlar bilen ösüşiň täze belentliklerine çykýandygyny, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanýandygyny aýdyň görkezýär. Pederlerimiziň döwletlilik ýörelgelerinden ugur alnyp, il sylagly ýaşulularyň, dilleri senaly enelerimiziň, milli ykdysadyýetimiziň öňdebaryjylarynyň, röwşen geljegimiz bolan ýaşlaryň gatnaşmaklarynda geçirilýän Halk Maslahaty halkymyzyň agzybirliginiň, jebisliginiň, birek-birege hormatsarpasynyň ýokarydygynyň nyşanydyr.

Bir supranyň başynda jemlenip, maslahat etmek, sala salmak il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli meseleleriň agzybirlik bilen çözülmegine giň mümkinçilikleri döredýär. Döwlet-jemgyýetçilik durmuşyna işjeň gatnaşýan ýaşuly nesliň işi, durmuşy ýaş nesil üçin halallygyň, watansöýüjiligiň, zähmetsöýerligiň mekdebidir. Ýokary wekilçilikli edara hökmünde Halk Maslahaty agzybirligi, abadançylygy, Garaşsyz döwletiň ykdysady, syýasy kuwwatyny artdyrmakda ägirt uly güýçdür. Ol güýç ýaşuly nesliň göreldesiniň, tejribesiniň ýaşlara geçmegi bilen, Garaşsyzlygyň 35 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda buýsanjymyza buýsanç goşýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygy esasynda üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýan özgertmeler biziň her birimizde egsilmez guwanç, buýsanç döredýär. Biz ýurdumyzy rowaçlygyň we bagtyýarlygyň mekanyna öwürmekde taýsyz tagallalary edýän Milli Liderimize we hormatly Prezidentimize alkyş aýdýarys.

**Geldimyrat AMANDURDYÝEW,**
*Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabyndaky 1-nji orta mekdebiň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary.*

# Türkmenistan batly gadamlar bilen öňe barýar

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ynamly öňe barýan Watanymyzyň ýylýazgysynda täze möhüm sahypadyr. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy bilen dabaralanýan 2026-njy ýyl durmuşyň ähli ulgamlarynda uly üstünlikleri gazanýan döwletimiziň häzirki zaman taryhynda nobatdaky tapgyry alamatlandyrýar.

Döwletimizi durmuş-ykdysady taýdan okgunly ösdürmäge, halkymyzyň durmuş derejesini we ýaşaýşynyň hilini yzygiderli ýokarlandyrmaga gönükdirilen maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirildi. Bäsdeşlige ukyply ykdysadyýetiň milli nusgasy döredildi, ähli pudaklarda önümçiligiň ýokary görkezijileri we JIÖ-niň durnukly ösüş depgini onuň netijelidigini tassyklaýar. Halkyň abadançylygyny üpjün etmek Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň baş maksadydyr. Munuň özi ýurdumyzda durmuşa geçirilýän toplumlaýyn we pudaklaýyn maksatnamalarda hem-de strategiýalarda aýdyň beýanyny tapýar.



Maýa goýum syýasatynyň wezipelerini netijeli ýerine ýetirmek ugrunda amala aşyrylýan çäreleriň netijesinde Garaşsyzlyk ýyllary içinde ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda durnukly ösüş depgini gazanyldy. Muňa esasy makroykdysady görkezijileriň biri bolan jemi içerki önümiň soňky ýyllaryň dowamynda 6,3 göterim derejesinde durnukly saklanmagy hem aýdyň şaýatlyk edýär. Ýurdumyz «Açyk gapylar» syýasatyna yzygiderli eýermek bilen, öz içerki serişdelerine goşmaça hökmünde göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymyny artdyrmaga çalyşýar. Daşary ýurtlaryň işewürlik düzümleriniň gatnaşmagynda eýýäm köp sanly ykdysady taslamalar durmuşa geçirildi we amala aşyrylmagy meýilleşdirilýär. Şol bir wagtda Türkmenistanyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak, ýokary tehnologiýaly önümçilikleri döretmek, şeýle hem iri milli we halkara infrastruktura taslamalaryny amala aşyrmak babatda özara mümkinçiliklerden has netijeli peýdalanmak üçin ähli şertler bar.

Ýurdumyz Garaşsyzlyk ýyllarynda sebit we dünýä ösüşiniň ileri tutulýan meselelerine bagyşlanan iri forumlaryň yzygiderli geçirilýän merkezine öwrüldi. Şunda geçen ýylyň awgust aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyny aýratyn bellemek gerek. Onuň maksatnamasy ugurdaş çäreleriň giň toplumyny öz içine aldy.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň möhüm wakalarynyň hatarynda ýurdumyzyň başlyklyk etmeginde geçiriljek Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjan Respublikasynyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygyny, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisini hem-de Hazar deňziniň ekologiýa meseleleri boýunça ýokary derejeli duşuşygy görkezmek bolar. Türkmenistan 2026-njy ýylda bu formatlarda başlyklyk etmek wezipelerini ýerine ýetirmäge örän jogapkärçilikli çemeleşýär, dostluga, hoşniýetli goňşuçylyga daýanýan döwletara gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga we netijeli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge ýardam bermegi özüniň esasy wezipesi hasaplaýar. Bu bolsa umumy abadançylygyň bähbidine hem-de sebitde we halkara durnuklylygy berkitmek, durnukly ösüşi üpjün etmek maksatlaryna laýyk gelýär.

**Oguljeren PAZZYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# ASUDA ÝOLLAR – ABADAN DURMUŞ

Şu günler eziz Diýarymyz toý ruhuna beslenýär. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk şanly toýunyň joşguny obadyr şäherlerimizi gurşap alýar. Her ýylyň sentýabrynda geçirilmegi däbe öwrülen «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň çäreleri bolsa, naýbaşy toýumyzyň dabaralaryna özboluşly öwüşgin berýär.

Ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek, pyýadalaryň we sürüjileriň ýol hereketiniň kadalary baradaky düşünjelerini ýokarlandyrmak, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak maksady bilen geçirilýän çärelere ildeşlerimiz işjeň gatnaşýarlar.

«Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň çäginde guralýan wagyz-nesihat, düşündiriş işleriniň netijeliligini gazanmakda edilýän tagallalar ýerine düşýär. Munuň şeýledigini edara-kärhanalarda, bilim ojaklarynda we çagalar baglarynda ýaýbaňlandyrylan wagyz-nesihat işlerinde çykyş edýän ildeşlerimiz hem aýratyn belläp geçýärler.

Gözel Diýarymyzyň aýna ýaly ýollary döwrebap durmuşymyzy has-da gözelleşdirýär. Gara ýollarymyz dünýä standartlaryna laýyk getirilip, awtoulaglara edilýän hyzmatlar ýokarlandyrylýar. Islendik zadyň edebiniň bolşy ýaly, ýollaryň hem öz tertip-düzgüni, kadalary bolýar. Bu, ilkinji nobatda, adamyň öz howpsuzlygy üçin wajyp bolup durýar. Ýollarda özüňi alyp barmagyň kadalarynyň pyýadalar we sürüjiler tarapyndan doly berjaý edilmegi möhümdir.

Eziz Diýarymyzda müňlerçe kilometre uzalyp gidýän döwrebap awtoýollar halkymyzyň howpsuz we rahat ýaşamagyny üpjün edýär. Ýurdumyzda hereket edýän kanunlar, kodeksler we kadalaşdyryjy hukuknamalar raýatlaryň bähbitlerine laýyklykda kabul edilýär. «Ýol hereketiniň howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek çygrynda döwlet gözegçiligi amala aşyrylýar. Ösüp gelýän jemgyýetde ýaş nesliň abadan we rahat durmuşda ýaşamaklary üçin birnäçe kada-kanunlar durmuşa geçirilýär.

Bu biraýlygyň dowamynda ýurdumyzyň



her bir künjeginde guramaçylykly we täsirli çäreleriň, maslahatlaryň geçirilmegi bilen ýol hereketiniň düzgünleri, pyýadalaryň we sürüjileriň wezipeleri barada nygtalyp geçilmegi ösüp gelýän ýaşlar üçin edilýän tagallalaryň biridir. Sebäbi ata Watanymyzda adamlaryň bagtyýar durmuşda ýaşamagy döwlet syýasatynyň ileri tutýan ugurlarynyň biri hasaplanylýar.

**Hakberdi REJEPOW,**
*Ahal welaýatynyň Altyn asyr etrap polisiýa bölüminiň Polisiýanyň ýol gözegçilik bölümçesiniň wagyz-nesihat işleri boýunça gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*

# TÜRKMEN-KOREÝ GATNAŞYKLARY WE SEBIT HYZMATDAŞLYGY

Aziýa döwletleri, şol sanda Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary bilen oňyn gatnaşyklary pugtalandyrmak hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän ýurdumyzyň daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu sebitde umumy bähbitlere laýyk gelýän netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin ägirt uly mümkinçilikler bar. Türkmenistan sebitiň we dünýäniň ösen ýurtlarynyň hatarynda öňdäki orunlaryň birini eýeleýän Koreýa Respublikasyny möhüm hem-de ygtybarly hyzmatdaş hasaplaýar. Bu dostlukly ýurt bilen gatnaşyklar deňhukuklylyk, uzak möhletleýinlik esasynda alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiziň Koreýa Respublikasyna amala aşyran döwlet sapary hem uly netijelere beslenip, türkmen-koreý hyzmadaşlygynyň ýylýazgysynda täze sahypany açdy.

1992-nji ýylyň 7-nji fewralynda Koreýa Respublikasy bilen ýurdumyzyň arasynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. Şondan bäri geçen döwrüň içinde deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ösdürilýär we işjeňleşýär. Iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlyk ikitaraplaýyn görnüşde hem, halkara guramalarynyň çäklerinde hem giň gerime eýe bolýar. Türkmenistanda Koreýa Respublikasynyň ilçihanasynyň açylmagy, Koreýa Respublikasynyň paýtagty Seulda Türkmenistanyň ilçihanasynyň açylmagy uzakmöhletleýin, özara bähbitlilik esasynda guralýan däp bolan hyzmatdaşlygy okgunly ösdürmäge ýardam etdi. Türkmenistan döwletimiz Koreýa Respublikasy bilen gatnaşyklara uly ähmiýet berip, ikitaraplaýyn syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, ýokary tehnologiýaly senagat, ulag-aragatnaşyk, ylym we medeniýet, sport ýaly ugurlarda netijeli hyzmatdaşlygyň ösdürilmegini üns



merkezinde saklaýar. Ýaşyl energetika, sanlylaşdyrma we ulag-logistika ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygyň geljegi uly bolup durýar.

Soňky ýyllarda parlament diplomatiýasynyň çäklerinde türkmen-koreý parlamentara gatnaşyklaryny pugtalandyrmak ugrunda giň tagalla edilýär. Söwda, ykdysady, ylmy we tehnologik hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-koreý topary, «Koreýa Respublikasy – Türkmenistan» parlamentara dostluk topary köp ýyldan bäri hereket edip gelýär.

«Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» hyzmatdaşlyk forumy sebit döwletleri bilen Koreýa Respublikasynyň arasynda syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklary ösdürmek üçin döredilen möhüm sebit platformasydyr. 16-njy sentýabrda Koreýa Respublikasynyň paýtagtynda geçirilen ýokary derejeli sammit türkmen-koreý hem-de Koreýa – Merkezi Aziýa hyzmatdaşlygynda möhüm ädime öwrüldi.

Özara bähbitli ykdysady gurluşyň hem-de medeni hyzmatdaşlygyň çäklerinde Koreýa we Merkezi Aziýanyň bäş döwleti 1992-nji ýylda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagyndan bäri aýratyn netijeli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny kemala getirdiler. Ozaly bilen, Koreýa Respublikasy we Merkezi Aziýanyň arasyndaky köptaraply hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak maksady bilen döredilen hemişelik «Koreýa Respublikasy – Merkezi Aziýa» hyzmatdaşlyk forumynyň sekretariaty 2017-nji ýylyň 10-njy iýulynda Koreýa Gaznasynyň ýanynda resmi taýdan işe girizildi.

2025-nji ýylyň maglumatlaryna görä, Koreýa Respublikasyndan Merkezi Aziýanyň bäş ýurduna amala aşyrylan eksport 8,6 milliard ABŞ dollaryna deň bolan bolsa, import 1,3 milliard ABŞ dollary boldy. Koreýanyň Merkezi Aziýa goýan maýa goýumlarynyň umumy jemi 6,4 milliard ABŞ dollaryna ýetdi.

**Batyr NOWRUZOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

Bambugyň käbir görnüşi 24 sagadyň dowamynda 90-120 santimetre çenli ösýär.

# OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!

# ŞRI-LANKANYŇ «ARSLAN GAÝASY»

Şri-Lankanyň merkezinde, Dambulla şäheriniň golaýynda ýerleşýän Sigiriýa galasy ýurduň esasy taryhy ýadygärlikleriniň biri hasaplanýar. V asyryň ahyrynda monolit gaýanyň üstünde gurlan gala harabalygy deňiz derejesinden 349 metr, tekiz ýerden 180 metr beýiklikde ýerleşýär. Taryhy maglumatlara görä, Singal patyşasy Kaşýapa I (477 – 495-nji ýyllarda höküm süren) duşmanlardan goranmak üçin üsti tekiz gaýanyň depesinde ýolbars şekilli köşk gurmagy buýurýar. Şeýlelikde, köşk gurulýar we 495-nji ýyla çenli patyşalygyň paýtagty bolup hyzmat edýär. Gaýanyň ýokarsyndaky köşk toplumy 3 bölekden ybarat bolup, basgançak ýaly biri-biriniň üstüne galyp gidýär. Iň aşaky bölekde ekerançylyk meýdany we ýokary gidýän ýol bolup, ortaky bölekde terrasalar, howuz hem-de seýilgäh ýerleşýär. Gaýanyň iň ýokarky – üçünji böleginde bolsa esasy köşk toplumy ýerleşip, terrasalar, baglar hem-de gowaklar bar. Üçünji bölek Sigiriýanyň gaçybatalga hökmünde ulanylan iň howpsuz ýeri hasaplanýar.







«Arslan gaýasy» ady bilen tanalýan bu ýadygärlik tropik tokaýyň – häzirki Sigiriýa goraghanasynyň çäginde ýerleşýär. Köp gözleglerden soň, 1850-nji ýyllarda britaniýaly alpinistler gaýanyň depesine çykýarlar we taryhy galyndy barada habar berýärler. Muňa garamazdan, bu ýadygärligi 1890-njy ýylda ýerli arheologlar ylmy esasda öwrenýärler. Alymlar Sigiriýanyň töweregindäki tropik tokaýlarda irki döwürlerde ýaşaýşyň bolandygyny çaklaýarlar. Maglumatlara görä, bu sebitde ýaşan ýerli taýpalar monolit gaýany gaçybatalga hökmünde ulanypdyrlar.

Sigiriýa asyrlaryň geçmegi bilen meşhur syýahatçylyk merkezi hökmünde köpleriň ünsüni çekip başlaýar. Bu ýadygärligiň esasy aýratynlyklarynyň biri girelgesinde ýolbarsyň daşdan oýulyp ýasalan iki sany penjesiniň bolmagydyr. Sigiriýa barýan myhmanlar köşgüň abat saklanyp galan böleklerine aýlanmak üçin ýolbarsyň penjesiniň arasyndan geçip, basgançaklar arkaly ýokary çykýarlar. Syýahatçylar ýadygärligiň çägindäki 21 sany gaýa suratyny synlamak bilen bir hatarda, gaýanyň üstündäki oýulyp ýasalan gowaklar, kiçijik ýaşaýyş jaýlary, ekin meýdanlary, seýilgäh hem-de howuz bilen ýakyndan tanşyp bilýärler. Toplum 1982-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi.

# IRI ŞAHLY MALLARYŇ IŇ ULY ŞAHLYSY

Dünýäde iri şahly mallaryň 1000-den gowrak ykrar edilen tohumy bar. Süýt, et we deri önümçiligi maksady bilen idedilýän iri şahly mallary sowuk howa uýgunlaşan we aşa yssy howa uýgunlaşan ýaly görnüşe bölmek bolýar. Ýewropa, demirgazyk Aziýa sebitlerinde äpet göwreli alabeder mallar idedilýän bolsa, Afrika we günorta Aziýa ýaly sebitlerde orta ululykdaky ýa-da kiçiräk örküçli mallar saklanýar. Maldarçylyk pudagynda iri şahly mallaryň täsin görnüşlerine hem duş gelinýär. Muňa mysal hökmünde şotlandlaryň tüýleri gözüne düşüp duran haýlend tohumyny, amerikalylaryň ok-ýaýa meňzeş uzyn şahly tehas longhornyny, irlandlaryň kiçijik göwreli dekster sygryny görkezmek bolar. Bularyň arasynda käbir kinoda we multfilmde Afrika bilen baglanyşykly sahnalarda suratlandyrylýan ankole-watussi hem bar.

Afrikada idedilýän iri şahly mallaryň bir görnüşi bolan watussi äpet göwresi hem-de ullakan şahy bilen tapawutlanýar. Agramy 550-800 kilograma çenli ýetýän bu tohum 2000 ýyl mundan ozal Müsürden (hamit) hem-de Hindistandan (zebu) getirilen uzyn şahly mallaryň çaknyşdyrylmagyndan emele gelipdir. Watussi Afrika maldarçylygynda iri şahly mallaryň sanga maşgalasynyň bir urugy hasaplanýar. Halkara derejede Ankole-watussi diýlip atlandyrylýan iň uly şahly mallaryň reňki adatça goňrumtyl-gyzyl, tüýüniň käbir bölegi ak ýa-da garamtyl tegmilli bolýar.

Watussiniň her şahynyň uzynlygy 2,5





metre çenli ýetýär. Goňrumtyl-gyzyl malyň şahynyň aşa uly bolmagy ýöne ýerden däl. Watussiniň göwresinden has uly görünýän şahlarynyň içinden gan damarlary geçip, yssy howada bedeniň gyzgynlygyny sazlaýjy, ýagny sowadyjy ulgam bolup hyzmat edýär. Watussiniň bedeninde aýlanýan gan şahyna baranda howa akymy arkaly sowadylýar we ýene-de bedene gaýdyp gelýär. Bu bolsa äpet şahly malyň aşa yssy howada ýaşamagyna we suwsuz oňmagyna mümkinçilik döredýär.

Sawannalarda otlap ýören watussiler iri şahly mallaryň iň çydamly görnüşi bolup, gaty baldakly ösümlikler we guran otlar bilen iýmitlenip, birnäçe gün suwsuz oňup bilýärler. Afrikanyň ýerli halky ankole-watussini baýlygyň we ýokary derejäniň nyşany hasaplaýar. Aşa yssy howa şertlerine çydamly iri şahly malyň bu tohumy, esasan, süýt önümçiligi üçin idedilýär. Maglumatlara görä, watussiniň süýdüniň ýaglylygy 10 göterim bolup, ondan goýy gatyk, saryýag we turşadylan içgiler taýýarlanylýar.



Ankole-watussi mallary 1900-nji ýyllarda haýwanat baglarynda köpçülige görkezmek üçin Gündogar Afrikadan Ýewropa ýurtlaryna eltilýär. Soňra 1920-1930-njy ýyllarda Ýewropadan ABŞ-daky haýwanat baglaryna we seçgiçilik merkezlerine ugradylýar. Watussi tohumynyň dörän ýeri bolan Ruanda, Burundi we Uganda ýaly ýurtlarda bu malyň sany azalyp barýar. Maglumatlara görä, Afrika sebitinde 1 milliondan gowrak äpet şahly malyň bardygy bellenilýär.



# Bütindünýä bambuk güni

Her ýylyň 18-nji sentýabrynda Bütindünýä bambuk güni bellenilip geçilýär. Gamşa meňzeş içi boş bu ösümligiň dünýäde 1500-den gowrak görnüşi ösýär. Şu ýyl «Bambuk serhetlerden aşýar» şygary astynda howanyň üýtgemegine garşy göreşmek, «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek we bambuk önümçiligini goldamak arkaly daşky gurşawa zyýansyz serişdeleri öndürmek ýaly temalarda wagyz-nesihat işleri geçirilýär. Bütindünýä bambuk güni mynasybetli Hytaýda we Hindistanda festiwallar, okuw sapaklary we dürli çäreler, şeýle hem bambukdan ýasalan saz gurallarynyň konsertleri hem guralýar.

**NIREDE ÖSÝÄR?**

Dünýäde iň çalt ösýän ösümlik hasaplanýan bambugyň boýy 30 metre çenli ýetýär. Içi boş, bogun-bogun ösümlik tropik, subtropik we aram howaly şertlerde ösüp bilýär. Hünärmenler çalt ýaýraýandygy we çylşyrymly kök ulgamy bolandygy sebäpli bambugy miweli agaçlaryň arasyna ekmegi maslahat bermeýärler. Täze ekoulgamy döretmekde netijeli peýdalanylýan bambuk öý şertlerinde küýzelerde we güldanlarda hem ekilýär. Köp ýurtda bu agaç ýer süýşmeleriniň öňüni almak üçin ýoluň ýakalaryna ekilýär. Maglumatlara görä, bambuk 100 ýyldan bir gezek gül açýar.

Bambugyň käbir görnüşi 24 sagadyň dowamynda 90-120 santimetre çenli ösýär. Käbir görnüşi bolsa birnäçe ýylyň dowamynda ýuwaş-ýuwaşdan ösýär. Bambugyň çalt ösmegine itergi berýän zat ösümligiň ýeriň astyna ýaýraýan uzyn kök ulgamydyr. Pandalaryň iň eý görýän iýmiti bolan bambuk agaçlary ýokary derejede kislorod bölüp çykarýar. Suwsuzlyga çydamly bu ösümligiň gabygy sowuk we typançak bolandygy sebäpli, ýylanlar bambuk tokaýlarynda ýaşamagy halamaýarlar.

**NIREDE ULANYLÝAR?**

Aziýa, Afrika, Amerika we Awstraliýa yklymlarynda, esasan hem, Hytaýda has köp ösdürilip ýetişdirilýän uzyn hem syrdam agaçdan gurluşyk materiallary, senetçilik we sungat esbaplary taýýarlanylýar. Mundan başga-da, kagyz öndürmekde, saz gurallaryny we mebel ýasamakda bambukdan peýdalanylýar.

Hytaýda ilkinji ýazgylar bambuga ýazylypdyr. Hytaý medeniýetinde esasy orny eýeleýän uzyn hem syrdam agajyň süýüminden «sýuan» (xuan) atly kagyz öndürilýär. Mundan başga-da, hytaýlylar içi boş gamyşdan «sýao» (xiao) atly milli saz guralyny ýasaýarlar. Jaý gurmakda ulanylýan bu ösümlikden egin-eşikler hem taýýarlanylýar. Hytaýlylar ýaş bambugy iýmit hökmünde hem peýdalanýarlar. Süýjümtik tagamly bu ösümligiň köki we ýapragy hytaý halk lukmançylygynda irki ýyllardan bäri ulanylýar. Hytaýda bambugyň 400-den gowrak görnüşi ösýär. Dünýäde iň uly bambuk tokaýlary Hytaýda we Hindistanda ýerleşýär.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Parlament saýlawlary geçiriler.** Serbiýanyň Prezidenti Aleksandr Wuçiç parlamenti



ýatyryp, nobatdan daşary saýlawlaryň 25-nji oktýabrda geçiriljekdigini mälim etdi. Bu möhüm syýasy ädim Hökümet tarapyndan 7-nji sentýabrda berlen teklibiň esasynda amala aşyryldy. Ýurtda mundan öňki parlament saýlawlary 2023-nji ýylyň 17-nji dekabrynda geçirilipdi.

**Prezident Tramp 5 müň dollar wada berdi.** ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp Respublikaçylar partiýasynyň Dallas şäherinde



geçirilen milli gurultaýynda noýabr aýynda Kongrese boljak aralyk saýlawlarda ýeňiş gazanylan ýagdaýynda, ýurduň kämillik ýaşyna ýeten her bir raýatyna 5 müň dollar serişde paýlajakdygyny wada berdi. Häzirki wagtda Kongresiň iki palatasyna hem gözegçilik edýän Respublikaçylar partiýasy 3-nji noýabrda geçiriljek saýlawlarda hem üstünlik gazanmagy maksat edinýär.

**Dünýäniň iň beýik aty.** Beýik Britaniýada ýaşaýan Hýugo atly dörtýaşar şaýr tohumly at



gerşiniň 199 santimetrlik belentligi bilen dünýäniň iň beýik aty diýlip ykrar edildi we ol henizem ösmegini dowam etdirýär. Eýesi Brett Mastersiň bellemegine görä, bu äpet at 8,5 ýaşyna çenli boý almagyny dowam etdirip biler. Şonuň üçin hem onuň saglygy weterinarlar tarapyndan berk gözegçilikde saklanyp, ýörite çykyşlara taýýarlanýar.

**Şakira Bişkekde çykyş eder.** Dünýä belli kolumbiýaly aýdymçy Şakiranyň konsertini noýabr aýynda Bişkek şäherindäki 51



müň adamlyk «Bişkek Arena» stadionynda geçirmek üçin gepleşik geçirilýär. Taraplar çäräniň takyk senesini, petekleriň bahasyny we guramaçylyk meselelerini ylalaşýarlar. Şeýle -de sungat ussadynyň Almaty şäherinde hem çykyş etmegine garaşylýar.

**Ýadygärlik şaýylygy zikgelendi.** ABŞ-da 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda bolup geçen wakalaryň 25 ýyllygyna bagyşlanyp, ýörite 50 sentlik ýadygärlik şaýylygy zikgelendi. Maliýe



ministrliginiň habar bermegine görä, Filadelfiýada çykarylan bu şaýylygyň ýüzünde Azatlyk heýkeli we «Hiç wagt unutmarys. 9.11.01» diýen ýazgy bar. Ministr Skott Bessent pida bolanlary we gahrymanlary hatyralaýandyklaryny belledi. Şaýylyklar toplumlaýyn satlyga çykaryldy.

**Gagariniň diplomatik pasporty.** Ilkinji kosmonawt Ýuriý Gagariniň 1963 – 1967-nji ýyllar-



daky «Parahatçylyk missiýasy» syýahatlarynyň möhürleri basylan we azyndan 25 müň ýewro baha kesilen diplomatik pasporty Ispaniýanyň Marbelýa şäherinde 24-nji sentýabrda auksiona çykarylar. Öňki sowet arhiwlerinde saklanmaly bu resminamanyň hususy kolleksiýaçynyň eline nädip düşendigi henizem nämälimligine galýar.

**Goýun ýüňi buzluklary goraýar.** Şweýsariýada geçirilen synaglar goýun ýüňünden taýýarlanan düşekleriň buzluklaryň eremegini adaty sintetik örtükler ýaly 50–70% haýalladýandygyny görkezdi. Goýun ýüňi poliesterden tapawutlylykda mikroplastik bölejikleriň ýaýramagynyň öňüni alýar. Hünärmenler buzluklary goramagyň esasy usulynyň global derejede ýyladyşhana gazlaryny azaltmak bolmagynda galýandygyny nygtadylar.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1851-nji ýylyň 18-nji sentýabrynda «New-York Daily Times» gazetiniň esaslandyrylmagy mynasybetli ilkinji sany okyjylara ýetirilýär. Bu ABŞ-nyň we halkara žurnalistikanyň taryhynda möhüm waka öwrülýär. Wagtyň geçmegi bilen «The New York Times» diýlip ady üýtgedilen we dünýäde iň köp okalýan bu neşir elýeterli bahasy hem-de täzeçil maglumat beriş usuly bilen dünýäniň metbugat ulgamynda öňdäki orny eýeleýär.**


New-York Daily Times

# BMG-niň 81-nji sessiýasy açyldy

Birleşen Milletler Guramasynyň Nýu-Ýorkdaky ştab-kwartirasynda Baş Assambleýanyň 81-nji sessiýasy dabaraly ýagdaýda açylyp, onda halkara gatnaşyklarda ynamy berkitmek, köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak we global kynçylyklara garşy bilelikdäki tagallalary birleşdirmek meseleleri esasy üns merkezinde boldy.

8-nji sentýabrda başlanan we noýabr aýyna çenli dowam etjek bu abraýly forumy sessiýanyň täze ýolbaşçysy, bangladeşli Halilur Rahman alyp barýar. Ol öz çykyşynda guramanyň dokuzynjy onýyllygyna gadam basýandygyny belläp, halkara jemgyýetçiliginiň agzybirligine we bilelikdäki tagallalaryna bolan ynamy gaýtadan dikeltmegi wada berdi. Sessiýanyň esasy mowzugy «Ynamy dikeltmek, özgerişleri dolandyrmak: hemmeleriň bähbidine işleýän Birleşen Milletler Guramasy» diýlip atlandyrylyp, ol parahatçylygy pugtalandyrmak, durnukly ösüşi çaltlandyrmak, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek, adam hukuklaryny ilerletmek we tehnologik özgertmeleri amala aşyrmak ýaly alty sany ileri tutulýan ugra gönükdirilendir.

Dabaraly açylyşda çykyş eden BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş häzirki döwrüň käbir kynçylyklary barada belläp geçip, dialogyň we hyzmatdaşlygyň ähmiýetini nygtady. Şunuň bilen birlikde, indiki Baş sekretary saýlamak işiniň adalatly, aýdyň we BMG-niň Tertipnamasyna laýyklykda amala aşyryljakdygyny belledi.

Bu giň möçberli çäräniň iň jogapkärli tapgyry bolan ýokary derejeli hepdelik 22-29-njy sent-



ýabr aralygynda geçirilip, oňa 100-den gowrak döwlet we 46 hökümet Baştutanynyň, şeýle hem ýokary derejeli ministrleriň hem-de ilçileriň gatnaşmagyna garaşylýar.

Sessiýanyň çäklerinde 22-nji sentýabrda geçiriljek umumy debat bilen bir hatarda, ösüş hukugy, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek we «ýaşyl» ykdysadyýete geçiş, deňiz derejesiniň ýokarlanmagy, pandemiýalara taýýarlyk, Durban jarnamasynyň 25 ýyllygy hem-de ýadro ýaragyny ýok etmek ýaly möhüm meselelere bagyşlanan ýörite ýokary derejeli plenar mejlisler hem bolar.

# Ýewropanyň kosmos strategiýasy

Pariž şäherindäki taryhy «Grand Palais» sergi toplumynda 9-10-njy sentýabrda Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makronyň we Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula




fon der Lýaýeniň gatnaşmagynda ilkinji Halkara kosmos sammiti Ýewropanyň kosmos pudagyny pugtalandyrmaga we bilelikdäki dolandyryşa geçmäge badalga berdi.

Fransiýa bilen Germaniýa tarapyndan guralan we dünýäniň dürli ýurtlaryndan aerokosmos pudagynyň, diplomatik toparlaryň hem-de maýa goýum ulgamynyň iki müňe golaý wekillerini bir ýere jemlän forumda howpsuzlyk, ekologiýa hem-de Ýeriň daşyndaky giňişlikdäki infrastruktura meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Netijede, takmynan, 20 milliard ýewro möçberindäki maýa goýumlar boýunça 50-den gowrak ylalaşyga gol çekildi. Sammitde çykyş eden Liderler bu ulgamyň howpsuzlygy, garaşsyzlygy üpjün etmekde we goranyş pudagynda esasy orny eýeleýändigini nygtadylar.

Şeýle hem sammitde Ýewropanyň geljekki anyk tapgyrlary kesgitlenilip, iki ýyldan ilkinji Ýewropa ýük kapsulasy «Nyx»-iň Halkara kosmos stansiýasyna birikmegini, bäş ýyldan Ýewropanyň ilkinji Aýa gonýan enjamy «Argonaut»-yň Aýyň ýüzüne gonmagyny we on ýyldan ilkinji Ýewropa adamly kosmos gämisiniň Gwiana sebitindäki Kuru kosmodromyndan älem giňişligine uçurylmagyna garaşylýandygy mälim edildi.

Sammite ýurdumyzyň wekiliýeti hem gatnaşdy. Türkmenistan üçin Parižsaid bu abraýly foruma gatnaşmak Fransiýanyň ýokary tehnologiýalar pudagy bilen ýola goýlan hyzmatdaşlygyň logiki dowamy bolup hyzmat edýär. Sebäbi ýurdumyzyň ilkinji milli aragatnaşyk hemrasy «TürkmenÄlem 52°E» «Thales Alenia Space» fransuz-italýan kompaniýasy tarapyndan gurludy we häzirki wagtda milli operator tarapyndan teleýaýlymlar bilen birlikde kosmos monitoringi hyzmatlary hem işjeň ösdürilýär.

# BRIKS SAMMITI GEÇIRILDI

10-12-nji sentýabr aralygynda Hindistanyň paýtagty Nýu-Delide dünýäniň täze ykdysady we syýasy merkezlerini birleşdirýän BRIKS sammiti üstünlikli geçirildi. «Namaste» däbe öwrülen hindi salamlaşygy hem-de umumy maksatlara ýetmegi aňladýan lotos güli bu iri möçberli halkara çäräniň esasy nyşanlaryna öwrüldi. Häzirki wagtda agza döwletleriň dünýä ilatynyň 49,5 göterimini we jemi içerki önümiň, takmynan, 40 göterimini öz içine alýandygyny nazara alanyňda, bu guramanyň ähmiýeti ýyl-ýyldan artýar.




Sammitiň çäginde Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin, Müsüriň Prezidenti Abdel Fattah as-Sisi, GAR-yň Prezidenti Siril Ramafosa, şeýle hem Birleşen Arap Emirlikleriniň we Efiopiýanyň ýolbaşçylary bilen möhüm ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirdi. Taraplar halkara howpsuzlygy, sebitdäki ýagdaýlary we söwda-ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmak meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Çäräniň esasy günlerinde geçirilen plenar mejlislerde we «BRIKS plus» formatyndaky duşuşyklarda adalatly köptaraply dünýä gurluşyny kemala getirmek meselesine aýratyn üns berildi. Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin öz çykyşynda birtaraply ulgamyň eýýäm taryhda galýandygyny we güýçleriň balansynyň Global Gündogara tarap süýşýändigini belledi. Şeýle hem ol BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň hasabyna giňeldilmelidigini nygtady.

Dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni çeken esasy wakalaryň biri hem Hytaýyň Başlygy Si Szinpiniň ýedi ýyldan soň ilkinji gezek Hindistana amala aşyran sapary boldy. Munuň özi ozalky «Russiýa-Hindistan-Hytaý» formatynyň täzeden janlanmagyna itergi berip biler. Sammitiň netijesinde kabul edilen jarnamada döwletler halkara jedelleri parahatçylykly ýollar bilen çözmeklige, azyk howpsuzlygyny üpjün etmäge we ulag-logistika ulgamlaryny goramaga ygrarlydyklaryny tassykladylar.

Sammit tamamlanandan soň, liderler hemişelik parahatçylygyň we yzygiderli ösüşiň nyşany hökmünde ýadygärlik banýan agajyny ekdiler. BRIKS-e agza döwletler özara deňhukuklylyk, açyklyk we hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanyp, global durnuklylygy üpjün etmek ugrunda bilelikdäki işlerini yzygiderli dowam etdirýärler. Gurama geljek ýyl Hytaý Halk Respublikasynyň başlyklygynda öz işini dowam eder.

# Kristin Lagard WEF-e dalaşgär

Ýewropanyň Merkezi bankynyň (ÝMB) ýolbaşçysy Kristin Lagard 2027-nji ýylda Bütindünýä ykdysady forumyna (WEF) ýolbaşçylyk edip biler. Şweýsariýanyň «Neue Zürcher Zeitung» neşiriniň habar bermegine görä, golaýda Ženewada Bütindünýä ykdysady forumynyň geňeş mejlisi geçirildi. Şol maslahatda Kristin Lagardyň bu forumyň ýolbaşçylygyna esasy dalaşgär hökmünde görkezilendigi mälim edildi.

Çeşmeleriň maglumatyna görä, ÝMB-niň ýolbaşçysy kärdeşleriniň ynamy üçin minnetdarlyk bildirip, bu wezipede işlemäge taýýardygyny mälim etdi. Häzirki wagtda Bütindünýä ykdysady forumyna «BlackRock» kompaniýasynyň baş direktory Larri Fink we «Roche» kompaniýasynyň wise-prezidenti Andre Hoffman bilelikde ýolbaşçylyk edýärler. Geňeş heniz Kristin Lagardyň haçan resmi taýdan bu wezipä girişjekdigi barada belli bir karara gelmändir. Emma Larri Fink bilen Andre Hoffmanyň ýanwar aýynda Dawosda geçiriljek ýyllyk duşuşyga



ýolbaşçylyk etjekdigi habar berilýär.

Ýewropanyň Merkezi banky bu barada düşündiriş bermekden ýüz öwürdi, Bütindünýä ykdysady forumy hem «Euronews» teleýaýlymynyň soragyna heniz jogap bermedi. Kristin Lagard 2019-njy ýyldan bäri ÝMB-e ýolbaşçylyk edip gelýär we onuň sekiz ýyllyk ygtyýarlylyk möhleti 2027-nji ýylyň oktýabrynda tamamlanýar.

Soňky aýlarda onuň geljekki meýilnamalary we möhletinden öň ÝMB-den gitjekdigi baradaky çaklamalar köpelýär. Şeýle hem ol Fransiýanyň Prezident saýlawlaryna gatnaşyp biljekdigi barada ýşarat edip, bu gürrüňleriň ýene-de güýçlenmegine sebäp boldy. Ýöne Kristin Lagard «Euronews» teleýaýlymyna iýul aýynda beren interwýusynda Fransiýada geçiriljek Prezident saýlawlaryna gatnaşmajakdygyny aýtdy. «Men hiç hili wezipä dalaşgär däl, emma Ýewropanyň goragly bolmagy we döwletleriň, şol sanda Fransiýanyň iş alyp barýan çäginiň hut Ýewropa bolmagy meniň üçin esasy meseledir» diýip, ol belledi.

# «APPLE» ÜSTÜNLIGINI BERKITDI




**«Time» žurnalynyň «Statista» analitik platformasy bilen bilelikde neşir eden «World's Best Companies» atly ýyllyk reýtinginde «Apple» kompaniýasy 93,16 bal alyp, dünýäniň iň gowy kompaniýalarynyň üçlügine gaýdyp gelmegi başardy. Kompaniýanyň bu üstünligine iýul aýynda girdejisiniň 2021-nji ýyldan bäri ýyllyk hasabynda 10% artmagy we maliýe ösüşiniň «Time» tarapyndan ýokary baha berilmegi uly täsir etdi.**

**Sanawyň iň ýokary basgançagyny 97,51 bal bilen «Nvidia» eýelän bolsa, ikinji orny 94,17 bal toplan amerikan lukmançylyk hyzmatlaryna we ätiýaçlandyryşa ýöriteleşen «Cigna» kompaniýasy eýeledi. Umumy reýtingde «Meta Platforms» dördünji, «Astrazeneca» bäşinji, «Microsoft» altynjy, «Deutsche Telekom» ýedinji, «Accentura» hem-de «McKesson» degişlilikde, sekizinji we dokuzynjy orunlary eýeledi. Emeli aň ulgamlary üçin prosessorlary öndürýän AMD kompaniýasy sanawda ilkinji onlugy jemledi.**

**Tehnologiýa pudagynyň beýleki iri wekillerinden «Alphabet» (Google) 12-nji, «Amazon» 39-njy, «Lenovo» 51-nji, «Samsung Electronics» 153-nji, TSMC kompaniýalary 182-nji orunlarda ýerleşdi. «Intel» korporasiýasy bolsa bu gezek sanawa girip bilmedi.**

**«Time» tarapyndan sanaw düzülende işgärleriň kanagatlanma derejesi, kompaniýanyň soňky üç ýylyň dowamyndaky girdejisiniň ösüş depgini we daşky gurşawa täsiri nukdaýnazaryndan durnuklylygy ýaly esasy üç görkeziji seljerildi.**

**Işgärleriň kanagatlanma derejesi boýunça aýratyn reýtingde «Apple» «Microsoft»-dan we IBM-den yza galyp, üçünji orny eýelän bolsa, 2024-nji ýylda ekologiýa aýdyňlygy ugrunda liderlik eden amerikan korporasiýasy bu gezek şol reýtingde 24-nji orna düşdi.**

# ÄGIRT ULY ENERGETIKA MAÝASY

Koreýa Respublikasy ABŞ-da emeli aň infrastrukturasyny ösdürmäge gönükdirilen 100 milliard amerikan dollarlyk ägirt uly energetika taslamalaryny maliýeleşdirmäge taýýarlanýar. «The Wall Street Journal» neşiriniň ýazmagyna görä, bu ylalaşygyň çäginde sekize çenli atom elektrik stansiýasynyň hem-de tebigy gazda işleýän elektrik energiýasy taslamasynyň gurluşygy amala aşyrylar. Koreýa Respublikasynyň Söwda ministrligi maýa goýumlaryň jikme-jikliklerininiň entek doly ylalaşylmandygyny mälim etdi.

ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp bilen Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Li Çže Mýon 2025-nji ýylyň oktýabr aýynda söwda ylalaşygyna gol çekipdi. Ylalaşyga laýyklykda, Koreýa Respublikasy amerikan önümçiligine 350 milliard amerikan dollary möçberinde maýa goýmaga borçlanypdy. Waşington bolsa öz gezeginde Koreýa Respublikasyndan getirilýän harytlara nyrh ýygymlaryny 15 göterime çenli çäklendirmäge razy bolupdy. Şondan soň Seul ylalaşygy durmuşa geçirmekde käbir bökdençlikler bilen ýüzbe-ýüz boldy.

Birnäçe ýylyň dowamynda amala aşyrylmagyna garaşylýan maýa goýum taslamalary ABŞ-da atom elektrik desgalaryny gurmagy göz öňünde tutýar. Ilkinji desganyň amerikan «Westinghouse Electric» kompaniýasynyň taslamasy esasynda gurlup, soňky desgalaryň käbiriniň Koreýa Respublikasynyň KEPCO kompaniýasynyň gat-



naşmagynda amala aşyrylmagyna garaşylýar.

Şeýle hem Tehas ştatynda emeli aň maglumat merkezlerini elektrik energiýasy bilen üpjün etmek üçin bahasy, takmynan, 20 milliard amerikan dollaryna barabar bolan tebigy gaz elektrik stansiýasyny gurmak meýilleşdirilýär.

# SZINSZI KÖLÜNDÄKI TÄSIN MUZEÝ

**Hytaý Halk Respublikasynyň Suçžou şäherindäki Szinszi kölüniň kenarynda meýdany 60 müň inedördül metrlik Häzirki zaman sungaty muzeýi açylyp ulanmaga berildi. Bir üçegiň astynda jemi 12 pawilýony özünde jemleýän bu täsin binagärlik toplumy şäheri gözelleşdirmäge we sebitde medeni merkezi döretmäge niýetlenendir.**

**Täze desganyň taslamasy Daniýanyň meşhur BIG binagärlik kompaniýasy hem-de Hytaýyň «ARTS Group», «VIA. inc» we SHUISHI studiýalary tarapyndan bilelikde işlenip düzüldi. Binagärler toplumyň gurluşygynda Suçžou şäheriniň milli seýilbaglarynyň ýörelgelerinden ylham alyp, myhmanlaryň döwrebap dynç almagy üçin amatly gurşaw döretdiler. Muzeýdäki binalaryň arasynda ýörite ýodalar çekilip, baglar ekildi, köprüler gurlup we dürli jemgyýetçilik ýerleri göz öňünde tutuldy.**

**Toplumyň esasy aýratynlyklarynyň biri öňden gelýän hytaý baglaryna mahsus bolan, ähli 12 pawilýony birleşdirýän we myhmanlar üçin esasy ýoly emele getirýän üsti ýapyk uzyn galereýadyr. Mundan başga-da, ýeriň üstündäki we astyndaky giňişlikler goşmaça köprüler hem-de ötükler arkaly berk birleşdirildi.**

**BIG şereketiniň düýbüni tutujy Býarke Ingels möhüm bir ýagdaýy belledi. Ol muzeýiň şäheri kölden bölýän päsgelçilik bolman, eýsem, olary birleşdirýän halka öwrülendigini aýtdy. Desganyň ähli pawilýonlaryny birleşdirýän üçegi bolsa müdimilik alamatyna we milli kagyz kesiş sungaty bolan «szýançži» stilindäki şekile meňzedilip dizaýn edildi. Muzeýiň golaýynda ýerleşýän syn ediş çarhyndan bu täsin toplumyň we onuň özboluşly üçeginiň ajaýyp keşbini synlamak bolýar.**



# 20-nji tapgyrda ýer eýeleri üstün çykdy

Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary ligasynda 20-nji tapgyryň çäginde 3 duşuşyk geçirildi. 2-nji orunda barýan «Ahal» topary öz meýdançasynda «Nebitçi» toparyny 2-nji ýarymda geçiren gollary esasynda 3–0 hasabynda utdy. «Ahal» toparyna ýeňiş getiren gollary 61-nji we 74-nji minutlarda Ýakupmuhammet Gowşudow bilen 85-nji minutda Enwer Annaýew öz atlaryna ýazdyrdylar.



**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 20 | 20 | 0 | 0 | 82-12 | 60 |
| 2 | «AHAL» | 19 | 12 | 3 | 4 | 45-20 | 39 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 18 | 12 | 2 | 4 | 36-24 | 38 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 20 | 5 | 4 | 11 | 17-31 | 19 |
| 5 | «NEBITÇI» | 20 | 5 | 4 | 11 | 16-35 | 19 |
| 6 | «MERW» | 19 | 5 | 3 | 11 | 20-50 | 18 |
| 7 | «AŞGABAT» | 20 | 4 | 3 | 13 | 23-43 | 15 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 20 | 3 | 5 | 12 | 20-44 | 14 |

«Altyn Asyr» topary öz meýdançasynda «Şagadam» toparyny Begençmyrat Myradowyň (21) hem-de Mekan Aşyrowyň (90+3) gollary bilen 2-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

«Merw» bilen «Köpetdag» toparlarynyň arasyndaky oýunda hasap açylmady.

Şeýle-de ozal oýnalan «Arkadag» — «Aşgabat» duşuşygynda ýurdumyzyň çempiony 3–0 hasabynda ýeňiş gazanypdy. Bu oýun «Arkadag» toparynyň AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşyndaky duşuşygy sebäpli öňe süýşürilipdi.



# «Arkadag» topary AFK Çempionlar Ligasy II ýaryşynda möwsüme ýeňiş bilen başlady

AFK Çempionlar Ligasy II ýaryşyna yzly-yzyna 2-nji gezek gatnaşýan ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary täze möwsüminiň ilkinji duşuşygyny geçirdi. «B» toparçada «Arkadag» topary öz meýdançasynda Bahreýniň «Al-Muharrak» toparyny kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda ildeşlerimiz 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. 1-nji ýarymy golsuz geçen oýnuň ýeke-täk goluny 52-nji minutda Mekan Saparow öz adyna ýazdyrdy. Duşuşygyň galan pursatlarynda hasap üýtgemedi. Şeýlelikde, «Arkadag» topary täze möwsüme 3 utuk bilen başlap, ildeşlerimiz häzirki wagtda toparçada 1-nji orunda barýar.

Toparçanyň beýleki oýnunda, Eýranyň «Gol Gohar» hem-de BAE-niň «Al-Jazira» toparlarynyň arasyndaky duşuşykda hasap açylmady.

«A» toparçada BAE-niň «Al-Wahda» topary bilen Kuweýtiň «Al-Kuwait» toparynyň arasyndaky oýunda ýer eýeleri 3–2 hasabynda ýeňiş gazandy. «C» toparçada Kataryň «Al-Raýýan» topary bilen Iordaniýanyň «Al-Faýsaly» toparynyň duşuşygynda 7 gol hasaba alyndy. Çekeleşikli geçen oýunda katarlylar 4–3 hasabynda üstün çykdy.

**Günbatar sebiti boýunça toparçalardaky 1-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

«A»: «Al-Wahda» (BAE) – «Al-Kuwait» (Kuweýt): 3-2, «Al-Haldiýa» (Bahreýn) – «Nasaf» (Özbegistan): 0-0; «B»: «Gol Gohar» (Eýran) – «Al-Jazira» (BAE): 0-0, «Arkadag» (Türkmenistan) – «Al-Muharrak» (Bahreýn): 1-0; «C»: «Al-Nahda» (Oman) – «Al-Tawun» (Saud Arabystany): 1-1, «Al-Raýýan» (Katar) – «Al-Faýsaly» (Iordaniýa): 4-3; «D»: «Al-Hussein» (Iordaniýa) – «Ist Bengal» (Hindistan): 2-2, «Al-Şorta» (Yrak) – «Al-Sib» (Oman): 1-0

# «Al-Nassr» uly hasap bilen ýeňildi

**AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda täze möwsümiň 1-nji duşuşyklary geçirildi. Günbatar zolagynda 6 oýunda ýer eýeleri ýeňiş gazanyp, 2 duşuşyk deňlikde tamamlandy.**



BAE-niň «Al-Ain» topary öz meýdançasynda Saud Arabystanynyň «Al-Nassr» toparyndan 4–0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda ýer eýelerine ýeňiş getiren gollary marokkoly doganlar Hussin Rahimi (25, 63) bilen Sofian Rahimi (72) hem-de gresiýaly oýunçy Giorgos Jiakomakis (85) geçirdi.

Eýranyň «Esteglal» topary Yrakda Kataryň «Al-Sadd» topary bilen duşuşyp, garşydaşyny 3–0 hasabynda ýeňdi. Saud Arabystanynyň «Al-Hilal» topary-da öz meýdançasynda Kataryň «Al-Garafa» toparyny Ruben Neweşiň (45+3) hem-de Milinkowiç-Sawiçiň (73) gollary bilen 2–1 hasabynda utdy. Soňky 2 ýylyň çempiony «Al-Ahli» öz meýdançasynda Özbegistanyň «Pahtakor» topary bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady.

**1-nji duşuşyklaryň netijeleri:** «Neftçi» (Özbegistan) — «Al-Kuwa Al-Jawiýa» (Yrak): 1–0, «Şabab Al-Ahli» (BAE) — «Traktor» (Eýran): 1–0, «Al-Şamal» (Katar) — «Al-Ittihad» (Saud Arabystany): 1–1, «Al-Ahli» (Saud Arabystany) — «Pahtakor» (Özbegistan): 1–1, «Esteglal» (Eýran) — «Al-Sadd» (Katar): 3–0, «Al-Kadsiýah» (Saud Arabystany) — «Al-Wasl» (BAE): 2–1, «Al-Ain» (BAE) — «Al-Nassr» (Saud Arabystany): 4–0, «Al-Hilal» (Saud Arabystany) — «Al-Garafa» (Katar): 2–1

Gündogar zolakdaky 8 duşuşygyň 5-sinde ýer eýeleri, 2-sinde myhmanlar ýeňiş gazandy. Ýaponiýanyň «Kaşima Antlers» topary öz meýdançasynda «Nýukasl Jets» toparyny 7–1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda ýapon klubunyň 3 goluny Aleksandar Çawriç, 2 goluny bolsa Tokuda geçirdi.

10 goluň geçirilen oýnunda Hytaýyň «Şanhaý Port» topary myhmançylykda Tailandyň «Ratçaburi» toparyndan 6–4 hasabynda üstün çykdy. Çekeleşikli geçen oýunda her topardan 1 oýunçy – «Ratçaburiden» Rakotoharimalala, 4–0 hasabynda öňe saýlanan «Şanhaý Portdan» Ampem het-trik etdi. Duşuşykda 90-njy minutdan soň 3 gol hasaba alnyp, umumylykda gollaryň 5-si 80-nji minutdan soň derwezä girizildi.

# «Amerika Açyk» tennis ýaryşynyň täze çempionlary

**Tennis boýunça möwsümiň 4-nji «Uly tuwulga» ýaryşy «Amerika Açykda» asly russiýaly tennisçiler çempionlyk gazandy. Zenanlaryň arasynda gazagystanly Ýelena Rybakina, erkeklerden germaniýaly Aleksander Zwerew ýeňiji boldy. Iki tennisçi-de ýeňiji hökmünde 5,5 million dollar pul baýragy bilen sylaglandy. 146-njy gezek geçirilen «Amerika Açyk» tennis ýaryşynyň umumy baýrak gaznasy 108 million dollara deňdir. 2025-nji ýyldakydan 21 göterim artdyrylan bu görkeziji şu wagta çenli tennis ýaryşlaryndaky iň uly baýrak gaznasy hökmünde hasaba alyndy.**

### Ilkinji gazagystanly tennisçi

● Zenanlaryň arasyndaky finalda gazagystanly Ýelena Rybakina bilen belarusly Aryna Sabalenka duşuşdy.



2 sagat 21 minutda tamamlanan duşuşygyň 1-nji setinde Sabalenka 6:4 hasabynda üstün çykdy. 2-nji setde Rybakina 7:5 hasap bilen ýeňiş gazandy. 3-nji setde Rybakina has erjel oýun görkezip, 6:2 hasabynda garşydaşyny ýeňlişe sezewar etdi. Şeýlelikde, 2:1 hasabynda ýeňiş gazanan Rybakina karýerasy boýunça «Amerika Açyk» tennis ýaryşynda ilkinji çempionlygyna mynasyp boldy. Rybakina çempionlyk kubogyny mundan 20 ýyl öň «Amerika Açykda» ýeňiji bolan russiýaly meşhur tennisçi Mariýa Şarapowa gowşurdy. Bu onuň Uly tuwulgalardaky 3-nji çempionlygy bolup, 27 ýaşyndaky tennisçi 2022-nji ýylda «Wimbledonda», şu ýylyň başynda-da «Awstraliýa Açykda» ýeňiş gazanypdy. Ol 2023-nji ýylda «Awstraliýa Açygyň» finalynda Sabalenkadan asgyn gelipdi. Rybakina şu ýylyň başynda «Awstraliýa Açygyň» finalynda-da Sabalenkadan üstün çykypdy. Umumylykda, WTA-nyň ýaryşlaryndaky 14-nji kubogyny gazanan Rybakina täze sanawda 1-nji orna beýgeldi. Ol WTA-nyň sanawynda 1-nji orna beýgelen ilkinji gazagystanly tennisçi hökmünde hasaba alyndy. Rybakina tennisiň taryhynda bir ýylyň dowamynda sanawyň 1-nji belgili raketkaçysyny «Uly tuwulgalaryň» finalynda 2 gezek ýeňen 2-nji tennisçi bolup, ondan öň Şteffi Graf 1995-nji ýylda şeýle başarnyk görkezipdi. Şeýle-de, Rybakina bir ýylyň dowamynda hard kortdaky 2 ýaryşda-da çempionlyk gazanan 6-njy tennisçi boldy.

28 ýaşyndaky Sabalenka «Amerika Açykda» 2-nji, umumylykda «Uly tuwulgalarda» 5-nji gezek finalda ýeňildi. Onuň «Awstraliýa Açykda» 2 (2023, 2024) hem-de «Amerika Açykda» 2 (2024, 2025), jemi 4 «Uly tuwulga» çempionlygy bar. Sabalenka 99 hepdeden soň birinjiligi elden giderdi.

### Bekkerden soň Zwerew

● «Amerika Açyk» tennis ýaryşynda erkekleriň arasyndaky finalda germaniýaly Aleksander Zwerew bilen amerikaly Ben Şelton duşuşdy. 3 sagat 32 minutlap dowam eden finalda Zwerew 4 setde garşydaşyndan üstün çykmagy başardy. Zwerew 1-nji setde 6:3, 2-nji setde taý-brek bilen 7:6 hasaplar esasynda ýeňiş gazandy. 3-nji set Şeltonyň peýdasyna tamamlandy (7:5). Ýöne 4-nji setde germaniýaly tennisçä ýeňiş gazanmak kyn düşmedi. 6:2 hasabynda üstün çykan Zwerew «Amerika Açykdaky» ilkinji çempionlygyny baýram etdi. Bu onuň «Amerika Açykdaky» 2-nji finaly bolup, 2020-nji ýylda awstriýaly Dominik Timden asgyn gelipdi. Umumylykda 2-nji «Uly tuwulga» çempionlygyny gazanan 29 ýaşyndaky Zwerew şu ýyl «Fransiýa Açykda» hem çempion bolupdy. 2025-nji ýylda «Awstraliýa Açygyň» finalynda utulan Zwerew şu ýyl 3-nji «Uly tuwulga» finalyny oýnady. Ol «Wimbledonda» Ýannik Sinnerden ýeňlipdi. Zwerew 1989-njy ýyldan bäri «Amerika Açykda» çempionlyk gazanan ilkinji germaniýaly tennisçi diýlip bellige alyndy.

Karýerasy boýunça 26-njy ATP kubogyny asmana göteren Zwerew «Açyk» döwürde «Uly tuwulgalardaky» ilkinji 2 çempionlygyny bir ýylyň dowamynda gazanan 4-nji tennisçi boldy.

«Amerika Açykda» 2003-nji ýyldaky Endi Roddigiň ýeňşinden bäri ýerli tennisçä çempion bolmak başardanok. 23 ýaşyndaky Ben Şelton «Amerika Açykda» soňky 20 ýylda Teýlor Fritsden (2024) soň finalda oýnan 2-nji amerikaly tennisçi boldy. Şelton ilkinji gezek «Uly tuwulga» ýaryşynyň finalynda oýnady.



«Amerika Açykda» soňky 18 ýylda erkekleriň arasynda hiç bir tennisçi hem çempionlygyny gorap bilmedi. Soňky gezek Rojer Federer 2004–2008-nji ýyllar aralygynda yzly-yzyna 5 çempionlyk gazanypdy. Şondan bäri Rafael Nadal bilen Nowak Jokowiç 4, Karlos Alkaras 2 gezek çempionlyk gazansa-da, olaryň çempionlyklary yzygiderli bolmandy.

# Antonelliniň 8-nji ýeňşi

Formula 1 boýunça möwsümiň 14-nji ýaryşy Ispaniýa «Gran Prisi» ýurduň paýtagty Madridde geçirildi. 45 ýyldan soň Madridde geçirilen bu ýaryşda «Mercedes» toparynyň italýan sürüjisi Kimi Antonelli ýeňiş gazandy. Ol 57 aýlawy 1 sagat 34 minut 23,754 sekuntda tamamlamagy başardy. Ol bassyr 2-nji, umumylykda 8-nji ýeňşini gazandy.



Ýaryşda 2-nji ýeri eýelän «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňijiden 4,351 sekunt yza galdy. 3-nji orny bolsa «McLaren» toparynyň britan sürüjisi Lando Norris eýeledi. «Ferrari» toparyndan Şarl Lekleriň 4-nji bolan ýaryşynda «Mercedes» toparyndan Jorj Rassell bäsleşigi 5-nji orunda tamamlady.

Geçirilen 14-nji ýaryşdan soň sanawyň lideri Kimi Antonelli öňdeligini saklap gelýär. Italiýaly ýaş sürüjiniň 292 utugy bar. 2-nji ýerdäki Jorj Rasselliň 211, 3-nji basgançakdaky Lýuwis Hamiltonyň 191 utugy bar. Lando Norris (186) bilen Şarl Lekler (167) hem 4-5-nji orunlary paýlaşýarlar.

# Çempion 1-nji orna gaýdyp geldi

Moto GP boýunça möwsümiň 14-nji ýaryşy San Marino «Gran Prisi» Italiýanyň Rimini diýen sebitinde geçirildi. Ýaryşda soňky çempion, «Ducati Lenovo» toparynyň ispaniýaly sürüjisi Mark Markes ýeňiş gazandy. Ol 27 aýlawy 41 minut 13,013 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň bassyr 2-nji, möwsümdäki 5-nji, karýerasy boýunça-da 78-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Markes sprint ýaryşynda-da ýeňiş gazandy.



Mark Markesiň inisi Aleks Markes («BK8 Gresini Racing») agasyndan 0,657 sekunt yza galyp, 2-nji ýeri eýeledi. Münberiň 3-nji basgançagyna bolsa «Red Bull KTM Factory» toparyndan başga bir ispan sürüjisi Pedro Akosta çykdy.

Geçirilen 14-nji ýaryşdan soň Mark Markes utugyny 274-e çykaryp, birinji orna beýgeldi. San Marino «Gran Prisinde» 5-nji orny eýelän Horge Martiniň hem 274 utugy bolup, ol ikinji orna düşdi. Soňky ýaryşy utuksyz tamamlan Marko Bezzekki 241 utuk bilen 3-nji ýeri eýeleýär.

Möwsümiň 15-nji ýaryşy 20-nji sentýabrda Awstriýanyň Spilberg şäherinde geçiriler.

# «Bawariýa» 13 ýyldan bäri utulanok

UEFA Çempionlar Ligasynda «Bundesliganyň» çempiony «Bawariýa» öz meýdançasynda Norwegiýanyň «Bude-Glimt» toparyny kabul etdi. 1-nji ýarymy golsuz tamamlanan oýunda «Bawariýa» 2-nji ýarymda 5 gol geçirdi. Duşuşykda 47-nji minutda Jamal Musiala, 61-nji minutda Harri Keýn, 77-nji minutda Alfonso Dewis hem-de 83-nji we 90+2-nji minutlarda Maýkl Olise tapawutlandy. «Bawariýa» topary Çempionlar Ligasynda toparçalaýyn ýa-da liga tapgyrynda 39 oýundan bäri ýeňilmän gelýär. «Bawariýa» soňky gezek 2013-nji ýylda ýeňlipdi. Duşuşykda 1 gezek tapawutlanan Harri Keýn Çempionlar Ligasynda bassyr 8 oýunda gol geçiren 4-nji futbolçy boldy.



«Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda ýaryşyň debýutanty «Sabah» toparyny 4–0 hasabynda utdy. Ýer eýeleriniň doly artykmaçlygynda geçen oýunda mankunianlaryň gollaryny 27-nji minutda Mateus Kunýa, 42-nji minutda Bruno Fernandeş, 45-nji minutda Benýamin Şeşko hem-de 68-nji minutda Lisandro Martines geçirdi. Duşuşykda esasy düzümde meýdança çykan 22 futbolçy 21 ýurda wekilçilik edip, şeýle statistika ilkinji gezek hasaba alyndy.

Çehiýanyň çempiony «Slawiýa Praga» bilen Fransiýanyň «Lans» toparlarynyň arasyndaky duşuşygyň soňky minutlary ýatda galyjy boldy. 2-nji ýarymyyň başynda çehlerden Mikulas Koneçni gyzyl kart aldy. Muňa garamazdan, pragalylar 51-nji minutda Daniel Şturmuň goly bilen öňe geçdi. 78-nji minutda Abdallah Simanyň goly esasynda «Lans» hasaby deňlese-de, Şturm 88-nji minutda toparyny 2-nji gezek öňe çykardy. Ýöne bu ýaryşda 7000 günden soň ilkinji ýeňşine golaýlan «Slawiýa Praga» toparyna 3 utuk almak ýene-de başartmady. Oýnuň 90+1-nji minutynda Florian Towen bilen 90+3-nji minutynda Ruben Agilaryň gollary «Lans» toparyna ýeňiş getirdi.

18 ýyldan soň Çempionlar Ligasyna gatnaşýan «Fenerbahçe» topary öz meýdançasynda 7 ýyllyk arakesmeden soň bu ýaryşa dolanan «Roma» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady (Brawn 48 — Kristante 39). PSW bilen «Şahtýor Doneskiň» arasyndaky oýunda-da ýeňiş gazanan bolmady (Seržinio Dest 48 — Mendoza 45+1). Ýaryşyň debýutantlarynyň biri bolan «Komo» öz meýdançasynda «Leipsigi» 4–1 hasabynda ýeňdi (Baturina 15, Duwikas 38, Diao 54, Perrone 90 — Maksimowiç 58)

### «MILAN» UEFA ÝEWROPA LIGASYNA ÝEŇLIŞ BILEN BAŞLADY

Ýewropa Ligasynda täze möwsüme badalga berlip, ilkinji tapgyryň 8 duşuşygy geçirildi. «Milan» öz meýdançasynda «Benfikadan» Lukebakionyň (16) hem-de Kaminskiniň (53) gollary esasynda 2–0 hasabynda asgyn geldi. «Baýer» şol hasap bilen «Selýe» toparyndan üstün çykyp, lewerkuzenlileriň ýeňiş gollaryny Seşlar (15 ö.d.) bilen Medina (74) geçirdi. «Lion» myhmançylykda «Anderleht» toparyny Nartiniň (8) hem-de Nakamuranyň (22) gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňip, täze möwsüme ýeňiş bilen başlady.

**Ýewropa Ligasynda 1-nji tapgyryň ilkinji 8 duşuşygynyň netijeleri:** Ararat-Armenia – Sparta Praga: 1-4, Omoniýa — Selta: 1–0, Milan — Benfika: 0-2, Baýer – Selýe: 2–0, Hapoel Be'er Şewa — Dinamo Zagreb: 0-0, Olimpiakos — Ýagelloniýa Belostok: 2–1, Anderleht — Lion: 1-2, Şturm Gras — Renn: 0–0, Sanderland — AZ: 1–0

# UEFA final duşuşyklarynyň geçiriljek ýerlerini mälim etdi

**UEFA-nyň klub ýaryşlarynyň 2028-nji we 2029-njy ýyllardaky final duşuşyklarynyň geçiriljek stadionlary belli boldy. Gresiýanyň Tessaloniki şäherinde geçirilen UEFA-nyň ýygnanyşygynda final oýunlarynyň şäherleri kesgitlendi.**

Şoňa görä, 2028-nji ýylda UEFA Çempionlar Ligasynyň finaly Germaniýanyň Münhen şäherindäki «Allianz Arena»-da oýnalar. Bu stadionda hem final duşuşygy 3-nji gezek geçiriler. Mundan öňki finallarda 2012-nji ýylda



«Çelsi», 2025-nji ýylda PSŽ çempion bolupdy. Şol bir wagtyň özünde 2028-nji ýyldaky final Münhen şäherinde geçiriljek 7-nji final duşuşygy bolar. Bu şäherdäki «Olympiastadion»-da 1979-njy, 1993-nji, 1997-nji hem-de 2015-nji ýyllarda final duşuşygy geçirilipdi.

2029-njy ýyldaky final bolsa Ispaniýanyň Barselona şäherindäki «Camp Nou» stadionynda oýnalar. Bu final yklymyň iň köp tomaşaçyly stadionyndaky 3-nji final bolar. Mundan öň «Camp Nou»-da 1989-njy we 1999-njy ýyllarda oýnalan final duşuşyklarynda «Milan» hem-de «Mançester Ýunaýted» çempion bolupdy. Başgaça aýdylanda, bu stadiona klub ýaryşynyň iň uly finaly 30 ýyldan soň 3-nji gezek gaýdyp geler.

Ýeri gelende bellesek, şu möwsümiň finaly Madriddäki «Metropolitano» stadionynda oýnalar.

UEFA Ýewropa Ligasynyň 2028-nji ýyldaky finaly Rumyniýanyň paýtagty Buharestdäki «National Arena»-da, 2029-njy ýyldaky finaly-da Serbiýanyň paýtagty Belgraddaky «National Stadium»-da geçiriler. Buharestdäki «National Arena»-da 2012-nji ýylyň finaly oýnalyp, «Atletiko Madrid» çempionlyk gazanypdy.

UEFA Konferensiýa Ligasynyň 2028-nji ýyldaky finaly Italiýanyň Turin şäherindäki «Juventus Stadium»-da oýnalar. «Ýuwentus» toparynyň stadionynda 2014-nji ýylda Ýewropa Ligasynyň finaly oýnalyp, «Sewilýa» 3-nji kubogyny asmana göteripdi. Konferensiýa Ligasynyň 2029-njy ýyldaky finaly Wengriýanyň paýtagty Budapeştdäki «Puskas Arena»-da geçiriler. Bu stadionda 2023-nji ýylda «Sewilýa» Ýewropa Ligasyndaky 7-nji çempionlygyny baýram edipdi.

UEFA Super Kubogy duşuşygy geljek ýylyň tomsunda Niderlandlaryň paýtagty Amsterdamdaky «Johan Cruyff Arena»-da, 2028-nji ýylda bolsa Gazagystanyň paýtagty Astana şäherindäki «Astana Arena»-da geçiriler.

UEFA Zenanlar Çempionlar Ligasynyň final oýunlary-da 2028-nji ýylda Fransiýanyň Lion şäherindäki «Parc Olympique Lyonnais» stadionynda, 2029-njy ýylda Uelsiň paýtagty Kardiffdäki «National Stadium»-da oýnalar.




| 18-nji sentýabr (anna) |
|---|
| Bawariýa – Union Berlin (23:30) |
| Monako – Lans (23:45) |
| **Brentford – Çelsi (00:00)** |
| **19-njy sentýabr (şenbe)** |
| **Tottenham – Aston Willa (16:30)** |
| Milwoll – West Ham (16:30) |
| **Braýton – Arsenal (19:00)** |
| **Roma – Inter (21:00)** |
| Ştutgart – Borussiýa D (21:30) |
| **Trabzonspor – Galatasaraý (22:00)** |
| Lion – Renn (23:45) |
| **Sewilýa – Barselona (00:00)** |
| **20-nji sentýabr (ýekşenbe)** |
| Fiorentina – Napoli (15:30) |
| **Seltik – Reýnjers (16:00)** |
| Twente – PSW (17:30) |
| **Bornmut – Liwerpul (18:00)** |
| **Man. Siti – Sanderland (18:00)** |
| Baýer – Leipsig (18:30) |
| **Atletiko – Real Madrid (19:15)** |
| Nissa – Lill (20:15) |
| **Fulham – M. Ýunaýted (20:30)** |
| **Ýuwentus – Atalanta (21:00)** |
| Deportiwo – Betis (21:30) |
| Amed – Beşiktaş (22:00) |
| Milan – Leççe (23:45) |
| **Marsel – PSŽ (23:45)** |
| Walensiýa – R. Sosiedad (00:00) |
| **Porto – Benfika (00:30)** |



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

BOUYGUES TÜRKMEN

### ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI JENAP SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

***Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!***

«Buig Türkmen» kompaniýasynyň ýolbaşçylarynyň we ähli işgärleriniň adyndan Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Size we ähli türkmen halkyna abadançylyk, rowaçlyk hem-de täze üstünlikleri arzuw edýäris.

Şu ýyl Türkmenistan şanly senäni – Garaşsyzlygyň 35 ýyllygyny belleýär. Siziň doglan günüňiziň ýurtda bu möhüm taryhy sepgidiň bellenilýän ýylyna gabat gelmegi jemgyýeti döredijilikli maksatlaryň, mundan beýläk-de ösüşiň we abadan durmuşy berkitmäge bolan ymtylyşlaryň töwereginde birleşdirýän aýratyn buýsançly ýagdaýdyr.

Şu şanly günde Size berk jan saglyk, bagtyýarlyk, egsilmez gujur-gaýrat we meýilleşdirilen işleriňizi amala aşyrmakda täze üstünlikleri tüýs ýürekden arzuw edýäris! Goý, Siziň ähli başlangyçlaryňyz Türkmenistanyň we türkmen halkynyň bähbitlerine hyzmat edip, ýurduň mundan beýläk-de gülläp ösmegine hem-de abraýynyň artmagyna goşant goşsun.

***Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident, Size bolan iň ýokary sylag-hormatymyzy kabul etmegiňizi haýyş edýäris.***

***«BOUYGUES TURKMEN» şereketiniň ýolbaşçylary we işgärleri***

### ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА ГОСПОДИНУ СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

***Глубокоуважаемый Господин Президент!***

От имени руководства и всего коллектива компании «Буиг Туркмен» примите самые сердечные поздравления с днем рождения, а также искренние пожелания благополучия, процветания и новых достижений Вам и всему туркменскому народу.

В этом году Туркменистан отмечает знаменательную дату - 35-летие независимости. Особенно символично, что Ваш день рождения приходится на год празднования этой важной для страны исторической вехи, объединяющей общество вокруг созидательных целей, стремления к дальнейшему развитию и укреплению благополучия.

В этот знаменательный день искренне желаем Вам крепкого здоровья, счастья, неиссякаемой энергии и новых успехов в реализации намеченных планов. Пусть все Ваши инициативы и начинания будут ознаменованы значимыми достижениями во благо Туркменистана и туркменского народа, способствуя дальнейшему процветанию и укреплению авторитета страны.

***Соблаговолите принять, Глубокоуважаемый Господин Президент, заверения в нашем самом высоком уважении и почтении.***

***Руководство и сотрудники компании «BOUYGUES TURKMEN»***

DOS "Dost gurluşyk, söwda, önümçilik" H.J.

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

***Hormatly Prezidentimiz!***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ykdysadyýetiň ähli pudaklary boýunça uly ösüşler gazanylýar. Ýurdumyz sanlyja ýylyň içinde syýasatda, ykdysadyýetde, medeniýetde hem-de halkara hyzmatdaşlygynda uly üstünliklere eýe boldy. Türkmenistany dünýäniň ösen döwletleriniň birine öwürmek ugrunda alnyp barylýan tutumly işler türkmen döwletiniň dünýädäki abraý-mertebesini gün geçdigiçe belende göterýär.

***Sarpasy belent Prezidentimiz!***

Siziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgäňize laýyklykda ýurdumyzda adam hakyndaky alada elmydama üns merkezinde saklanylýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň milli kanunçylygyny kämilleşdirmek babatda uly işler alnyp barylýar. Size halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek ugrunda alyp barýan işleriňizde uly rowaçlyklar arzuw edýäris!

***Hormatly Prezidentimiz!***

Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, mertebäňiziň hemişe belent bolmagyny arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DOST GURLUŞYK, SÖWDA, ÖNÜMÇILIK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

TÜRKMEN ENJAM

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi doglan günüňiz bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

***Hormatly Prezidentimiz!***

Ýurdumyzda Siziň baştutanlygyňyzda dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklary ösdürilýär. Ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň, durnukly ösüşiň pugtalandyrylmagy üçin uly işler alnyp barylýar. Siziň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe yglan eden «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgäňize laýyklykda, öňde goýlan belent maksatlar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň ykdysady kuwwaty has-da ýokarlanyp, ata Watanymyz dünýäde ykdysady taýdan durnukly ösýän ýurt hökmünde ykrar edilýär.

***Sarpasy belent Prezidentimiz!***

Siziň baştutanlygyňyzda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda uly üstünlikler gazanylýar. Siziň çekýän ýadawsyz zähmetiňiziň netijesinde ýurdumyz hemmetaraplaýyn ösýär, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda giň gerimli işler alnyp barylýar. Bu gazanylýan üstünlikler, ýurdumyzyň halkara abraýynyň barha artmagy Siziň alyp barýan oňyn syýasatyňyzyň aýdyň beýanydyr. Goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, işleriňiz rowaç bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN ENJAM» hojalyk jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan Hydyr GURBANOW.**

# «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Siziň baştutanlygyňyzda Garaşsyz Watanymyzyň ösüşiň ýoly bilen ynamly öňe barýandygy, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini yzygiderli ýokarlandyrmak babatda giň gerimli işleriň alnyp barylýandygy buýsanjymyzy goşalandyrýar. Ýurdumyz dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny alyp baryp, ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň, durnukly ösüşiň pugtalandyrylmagyna saldamly goşant goşýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan asylly işleriňizde mundan beýläk hem üstünlikler arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# AGRi

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Agzybir işgärlerimiziň adyndan Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Ýurdumyzda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, ata Watanymyzyň şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak, berkarar döwletimizi dünýäniň iň ösen ýurtlarynyň hataryna goşmak ugrunda uly işler alnyp barylýar.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!**

Sizi doglan günüňiz bilen ýene bir gezek tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«IPS AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# HUAWEI

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANYLÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!**

Sizi türkmen halkynyň ajaýyp toý-baýramyna öwrülen şanly sene – doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Türkmenistan sazlaşykly ösüşiň we rowaçlygyň ýoly bilen ynamly öňe barýar, dünýädäki abraý-mertebesini barha berkidýär.

Sizi şanly sene – doglan günüňiz mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys! Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, mertebäňiz has-da belent bolsun! Size türkmen halkynyň nurana geljeginiň bähbidine amala aşyrýan beýik we tutumly işleriňizde rowaçlyklary arzuw edýäris!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый господин Президент!**

Сердечно поздравляем Вас со ставшим для всего народа страны знаменательным праздничным событием – днём рождения!

Туркменистан уверенно идет по пути динамичного развития и процветания, активно укрепляет свой авторитет в мире.

Еще раз сердечно поздравляем Вас с замечательным событием – днём Вашего рождения! Желаем Вам доброго здоровья, долголетия и новых больших успехов в Вашей грандиозной деятельности во имя светлого будущего мужественного народа страны!

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Agzybir işgärlerimiziň adyndan Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

***Çuňňur hormatlanylýan belent mertebeli Prezidentimiz!*** Siziň öňe süren «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgäňiziň düýp özeninde halkymyzyň bagtyýarlygy hakyndaky çuňňur alada ýatyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz durmuşyň ähli ugrunda uly üstünliklere eýe bolýar. Siziň baştutanlygyňyzda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, ata Watanymyzyň şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak, berkarar döwletimizi dünýäniň iň ösen ýurtlarynyň hataryna goşmak ugrunda uly işler alnyp barylýar.

***Sarpasy belent Prezidentimiz!*** Ýurdumyzyň telekeçileri ata Watanymyzda alnyp barylýan işlere tüýs ýürekden buýsanýarlar. Olar şanly wakalara beslenýän üstümizdäki ýylda hem öňde goýlan belent maksatnamalary üstünlikli ýerine ýetirmek üçin joşgunly zähmet çekýärler. Milli ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlary bilen bir hatarda, gurluşyk we senagat pudagy hem ýokary depginlerde ösýär. Türkmenistanyň gurluşyk-senagat toplumy uly ösüşlere beslenýär. Ýurdumyzda gurluşyk, senagat önümçiligi, ýol gurluşygy ulgamynda telekeçiler uly işleri alyp barýarlar.

***Mertebesi belent Prezidentimiz!*** Sizi doglan günüňiz bilen ýene bir gezek tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«OJAR AZIÝA» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

CEPER GURLUŞYK

# «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen parasatly ýörelgäňizden ugur alyp, agzybirlik bilen uly zähmet üstünliklerini gazanýan, seneleri şanly wakalara beslenýän halkymyz bagtyýar durmuşyň hözirini görüp ýaşaýar. Ata Watanymyzda durmuşa geçirilýän ykdysady özgertmeler ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn gülläp ösmegini üpjün edýär. Siziň pähim-parasatly, ynsanperwer, parahatçylyk söýüjilikli syýasatyňyz netijesinde ýurdumyzyň halkara abraýy barha artýar. Ýurdumyzyň halkara gatnaşyklardaky ornuny has-da berkitmek ugrunda öňde goýan belent maksatlaryňyz, alyp barýan ynsanperwer daşary syýasatyňyz dünýä derejesinde giň goldawa eýe bolýar. Siziň ýurdumyzy mundan beýläkde gülledip ösdürmäge, ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen döwrebap özgertmeleriňiz, parahatçylyk, dostluk ýörelgelerine esaslanýan içeri we daşary syýasatyňyz, döretmek hem-de gurmak başlangyçlaryňyz barha rowaçlanýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi doglan günüňiz bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys! Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, işleriňiziň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

SINOPEC

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANYLÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!** Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Hytaý nebithimiýa korporasiýasynyň (SINOPEC) ýanyndaky Halkara nebit serwis kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň ähli işgärleriniň adyndan Size berk jan saglygyny, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň gülläp ösmegi üçin alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Siziň oýlanyşykly we öňdengörüjilikli syýasatyňyz türkmen döwletiniň hemmetaraplaýyn ösüşiniň hem-de halkara abraýynyň ygtybarly binýadyna öwrüldi. Türkmenistanda uly üstünlikler we zähmet ýeňişleri gazanylýar, ýokary depginli ösüşleri nazarlaýan giň gerimli durmuş-ykdysady özgertmeler durmuşa geçirilýär.

Sizi doglan günüňiz bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size hem-de ähli türkmen halkyna abadançylyk we gülläp ösüş arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Jin HAIFENG,**
**Hytaý nebithimiýa korporasiýasynyň (SINOPEC) ýanyndaky Halkara nebit serwis kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň direktory.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый господин Президент!** Сердечно поздравляем Вас с днем рождения! От имени всего коллектива филиала Международной нефтяной сервисной компании при Китайской нефтехимической корпорации (SINOPEC) в Туркменистане желаем Вам наикрепчайшего здоровья, новых успехов на Вашем светлом пути, еще больших свершений на благо Независимого, Нейтрального Туркменистана и всего туркменского народа.

Ваша взвешенная и дальновидная политика стала надежной платформой для всестороннего развития государства и его растущего международного авторитета. В Туркменистане, добивающемся успехов и трудовых побед, планомерно осуществляются широкомасштабные социально-экономические преобразования, обуславливающие его динамичное развитие.

Еще раз от всего сердца поздравляем Вас с днем рождения и желаем Вам и всему туркменскому народу благополучия и процветания!

**С глубоким уважением,**

**Цзинь ХАЙФЭН,**
**директор филиала Международной нефтяной сервисной компании при Китайской нефтехимической корпорации (SINOPEC) в Туркменистане.**

## «TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň «Garaşsyzlyk ýyllarynda biziň halkymyzyň ýüreginde Watana bolan söýgi, onuň güýç-kuwwatyna we geljegine bolan ynam, gurmaga, döretmäge bolan höwes, depginli ösüşini üpjün etmek islegi pugta orun aldy. Biz beýik işlerimizi Watanymyza bolan söýgimiz bilen amala aşyrýarys. Gaýratly zähmetimiz bilen Watanymyzyň beýikligini has-da şöhratlandyrýarys» diýip bellemegiňiz halkymyzda aýdyň geljege bolan beýik ynam döredýär. Siziň baştutanlygyňyzda ýurdumyzda senagat pudaklaryny ösdürmek, innowasion häsiýetli kärhanalaryň işini ýola goýmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan we eksport ugurly önümleriň önümçiligini döretmek, oba hojalygyny özgertmek, dokma önümçiligini giňeltmek, ýurdumyzyň ähli sebitlerinde täze iş orunlaryny döretmek we ilatymyzy durmuş taýdan goramak boýunça toplumlaýyn işler ýerine ýetirilýär.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, türkmen halkynyň bagtyýarlygynyň, ýurdumyzyň gülläp ösmeginiň bähbidine alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris! Siziň berkarar Watanymyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmäge, ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, mähriban halkymyzyň durmuş hal-ýagdaýyny has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen döwrebap özgertmeleriňiz, parahatçylyk, dostluk ýörelgelerine esaslanýan içeri we daşary syýasatyňyz, döretmek hem-de gurmak başlangyçlaryňyz elmydama rowaçlyklara, üstünliklere beslensin!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI**

## «MERTLIK RUHY» H.J. «HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň taýsyz tagallalaryňyz netijesinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi ähli ulgamlar boýunça sazlaşykly ösdürmäge, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, bagtyýar türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga gönükdirilen iri möçberli döwlet maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär. Siziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen parasatly ýörelgäňizden ugur alyp, agzybirlik bilen uly zähmet üstünliklerini gazanýan, seneleri şanly wakalara beslenýän merdana halkymyz bagtyýar geljege tarap ynamly gadam urýar.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, ata Watanymyzyň ösüşiniň bähbidine alyp barýan giň gerimli işleriňizde mundan beýläk hem üstünlikler arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

MERTLIK RUHY | HYUNDAI

**«MERTLIK RUHY» H.J. «HYUNDAI» Türkmenistandaky Resmi distribýutory**